# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
# – MERDANA PEDERLERIMIZIŇ SÖWEŞJEŇ EDERMENLIGI, GAÝDUWSYZLYGY HAKYNDAKY ŞÖHRATLY ÝATLAMALAR, ILDEŞLERIMIZIŇ ZÄHMET ÜSTÜNLIKLERI WATANYMYZYŇ TARYHYNA ALTYN HARPLAR BILEN EBEDI ÝAZYLDY.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
9-njy maý, 2025. Belgisi 19/1637



# WATAN GORAGY MUKADDES BORÇDUR, BELENT MERTEBEDIR

*7-nji maýda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň gün tertibine ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynda şu ýylyň ýanwar – aprel aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri, Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, olaryň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek bilen bagly meseleler girizildi.*

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew çykyş edip, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmek boýunça ýylyň başyndan bäri görlen çäreler barada hasabat berdi. Şeýle hem Watan goragçylarynyň gulluk we ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, serkerdeleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak, ýaş hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen alnyp barylýan işler barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, goranyş häsiýetli Harby doktrinany durmuşa geçirýän döwletimiziň goranmak ukybyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak we kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Diýarymyzda Ýeňiş güni mynasybetli geçiriljek çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesine ünsi çekip, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Baş prokuror B.Muhamedow hasabat döwründe ýerine ýetirilen işler, şol sanda milli kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçilik etmek, sanly ulgamy ornaşdyrmak, düzümleýin edaralarda hukuk serişdeleriniň döwrebap usullaryny ulanmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz kanunlaryň we kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýerine ýetirilişini berk gözegçilikde saklamagyň möhümdigini belledi hem-de kanunylygy pugtalandyrmak, kanun bozulmalarynyň öňüni almak boýunça alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmegiň wajypdygyna aýratyn ünsi çekip, Baş prokurora birnäçe görkezmeleri berdi.

Soňra içeri işler ministri M.Hydyrow ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde şu ýylyň ýanwar – aprel aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Hususan-da, ýol hereketiniň kadalaryny we ýangyn howpsuzlygyny berjaý etmek boýunça görülýän çäreler, ministrligiň işgärleri üçin döredilýän gulluk we ýaşaýyş-durmuş şertleri barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, içeri işler edaralarynyň öňünde durýan wezipelere ünsi çekdi hem-de ýol hereketiniň kadalaryny we ýangyn howpsuzlygynyň düzgünlerini berjaý etmek boýunça ýerine ýetirilýän işleri netijeli dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew şu ýylyň dört aýynda kazyýet işini has-da kämilleşdirmek, ýolbaşçylyk edýän edarasyny ösdürmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmek boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi. Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, döwletiň we jemgyýetiň bähbitlerini, raýatlaryň hukuklaryny goramak, kazyýet kararlarynyň kanunylygyna gözegçilik etmek boýunça alnyp barylýan işleri yzygiderli dowam etdirmegiň möhümdigini belläp, Ýokary kazyýetiň başlygyna birnäçe tabşyryklary berdi.

Milli howpsuzlyk ministri N.Atagaraýew hasabat döwründe ýerine ýetirilen işler, şol sanda döwletimizde abadançylygy saklamak, döwrebap tehniki serişdeleri we işiň netijeli usullaryny ulanmak babatda görlen çäreler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, bu düzümi ösdürmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmäge möhüm ähmiýet berilmeginiň wajypdygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz öňde durýan wezipelere ünsi çekip, ministrligiň ýolbaşçysyna birnäçe görkezmeleri berdi.

Döwlet serhet gullugynyň başlygy Ý.Nuryýew Watanymyzyň mukaddes serhetleriniň ygtybarly goralmagyny üpjün etmek, serhet goşunlarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmek boýunça şu ýylyň dört aýynda amala aşyrylan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, goňşy döwletler bilen dost-doganlygyň serhedi bolup durýan ýurdumyzyň serhetleriniň goragyny we asudalygyny ygtybarly üpjün etmegiň wajypdygyna ünsi çekdi. Harby gullukçylaryň hünär taýýarlygynyň ýokarlandyrylmagy, serhet galalarynyň mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrylmagy, Watan goragçylarynyň netijeli gullugy üçin göwnejaý şertleriň döredilmegi ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda görkezildi. Adalat ministri M.Taganow hasabat döwründe milli kanunçylyk binýadyny häzirki döwrüň talaplaryna laýyk getirmek, türkmenistanlylara degişli hukuk kömegini bermek, ösüş maksatnamasynyň wezipelerini üstünlikli ýerine ýetirmek üçin görlen çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň milli kanunçylyk binýadyny mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň we kadalaşdyryjy hukuk namalaryny hasaba almak, adalat edaralaryna sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça işleri dowam etdirmegiň ähmiýetini belledi hem-de ministre birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew 2025-nji ýylyň ýanwar – aprel aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, Watanymyzyň serhedinden ýükleriň, şol sanda üstaşyr ýükleriň kadaly geçirilmegi boýunça amala aşyrylan toplumlaýyn çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň gümrük serhedinden geçirilýän ýüklere gözegçilik etmek, olary gümrük taýdan resmileşdirmek işiniň talabalaýyk ýerine ýetirilmeginiň möhümdigini belläp, gullugyň ýolbaşçysyna gümrük nokatlarynyň işini has-da kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy A.Sazakow ýylyň başyndan bäri bu düzümi ösdürmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmek, sanlylaşdyrmagyň we bu ulgama öňdebaryjy iş tejribesini giňden ornaşdyrmagyň hasabyna onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak maksady bilen amala aşyrylan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, migrasiýa edaralarynyň işini döwrüň talaplaryna laýyklykda guramaga, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmaga aýratyn üns bermegiň zerurdygyny belledi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz şu ýyl ýurdumyzda halkara derejede möhüm çäreleriň geçirilmeginiň meýilleşdirilýändigini aýtdy we gullugyň öňünde durýan wezipeleriň guramaçylykly ýerine ýetirilmegi babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy mejlisi jemläp, diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Türkmenistanyň Harby doktrinasynyň talaplaryna laýyklykda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň harby howpsuzlygyny we bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek boýunça çäreleriň görülýändigini aýtdy. Şunuň bilen birlikde, döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň goranyş ukybyny pugtalandyrmak, Watan goragçylarynyň we olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli çäreleriň durmuşa geçirilýändigini we bu ugurdaky işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini belledi.

## Raýat awiasiýasynyň batly gadamlary



**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan yklym ähmiýetli möhüm ulag-logistika merkezi hökmündäki ornuny yzygiderli pugtalandyrýar. Bu ugurda gazanylan möhüm üstünlikleriň biri hökmünde 2-nji maýda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Balkanabat Halkara howa menziliniň dabaraly açylandygyny görkezmek bolar.**

**Gahryman Arkadagymyzyň ulag ulgamynda başyny başlan beýik işleriniň Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan üstünlikli amala aşyrylmagy geografik taýdan amatly ýerleşýän Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyndan has netijeli peýdalanmaga giň mümkinçilikleri döredýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň raýat awiasiýasyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli Milli maksatnamasyna laýyklykda, pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek, onuň düzümini täze uçarlar bilen giňeltmek, paýtagtymyzda we ýurdumyzyň welaýatlarynda täze howa menzillerini, inženerçilik-tehniki maksatly desgalary gurmak we öňden bar bolanlaryň durkuny täzelemek, pudak üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.** 3

## Türkmen-eýran gatnaşyklary barha ösdürilýär



Deňhukuklylyk we özara hormat goýmak ýörelgelerinde ýola goýlan türkmen-eýran gatnaşyklary häzir ähli ugurlar boýunça – syýasy, ykdysady we ynsanperwer ulgamlarda işjeň ösdürilýär. Şunuň bilen bir hatarda, Türkmenistan hem-de Eýran abraýly halkara guramalaryň, şol sanda BMG-niň we onuň ýöriteleşdirilen düzümleriniň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk edýärler.

Türkmenistanyň ýakyn goňşusy we umumy taryhy kökleri müňýyllyklaryň jümmüşinden gözbaş alýan dostlukly döwletleriniň biri hem Eýran Yslam Respublikasydyr. Türkmenistan bilen Eýranyň arasyndaky strategik we giň möçberli hyzmatdaşlyk dostlugyň, hoşniýetli goňşuçylygyň we deňhukukly gatnaşyklaryň ählumumy we mizemez ýörelgelerine esaslanýar. 3

## Watan gahrymanlary sarpalanýar

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda her ýyl ýurdumyzda Watan gerçekleri hatyralanyp Ýeňiş güni uludan baýram edilip bellenilýär. Mukaddes Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk toýunyň belleniljek ýyly bolan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda bolsa Beýik Ýeňşiň gazanylmagyna 80 ýyl dolýar. Şu şanly sene mynasybetli ýurdumyzyň ähli ýerinde giň gerimli dabaraly çäreler geçirilýär. Şeýle çärelere il sylagly ýaşulular, kümüş saçly eneler, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, ýurdumyzyň edara-kärhanalarynyň işgärleri gatnaşýarlar. Ýurdumyzda uruş we zähmet weteranlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň gowulandyrylmagyna uly ähmiýet berilýär. 2



## ÝURDUMYZYŇ BAŞLANGYÇLARY BÜTIN DÜNÝÄDE YKRAR EDILÝÄR

Soňky ýyllarda hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary esasynda parahatçylyk we howpsuzlyk, durnukly energetika we ulag, ekologiýa we azyk howpsuzlygy, üstaşyr-ulag geçelgeleri, şeýle hem beýleki halkara ähmiýetli meseleler boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan ençeme Kararnamalar kabul edildi. Mundan başga-da, bu halkara guramanyň ýöriteleşdirilen edaralarynyň çäklerinde köp sanly möhüm resminamalar işlenip taýýarlandy we kabul edildi.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem ýurdumyzyň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan şanly wakalara beslenýär. Häzirki wagtda ýurdumyz tutuş adamzat ähmiýetli başlangyçlary öňe sürýär. Şunda döwlet Baştutanymyzyň tagallasy bilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty guramak babatda degişli işleriň giňden ýaýbaňlandyrylandygyny bellemek gerek. Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň 11-nji aprelinde ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde «BMG-niň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyny geçirmegiň tertibine goşmaça maglumat» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Oňa laýyklykda, Baş Assambleýa tarapyndan halkara maslahaty şu ýylyň awgust aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirmek kesgitlendi.



Türkmenistanyň BMG bilen bilelikde geçirjek bu halkara maslahatyň çäklerinde syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurly köp sanly çäreleriň guralmagy göz öňünde tutulýar. Foruma hem-de onuň dowamynda geçiriljek ugurdaş çärelere deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň düzümine girýän 32 ýurduň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň, 47 sany kiçi ada döwletleriniň, 49 sany az ösen ýurtlaryň ýokary derejeli wekiliýetleriniň, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň we onuň orunbasarlarynyň, birnäçe halkara, sebit guramalarynyň, maliýe institutlarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, hususy pudagyň ýolbaşçylarynyň we wekilleriniň gatnaşmagyna garaşylýar. Mundan başga-da, Merkezi Aziýa döwletleriniň medeni çäreleriniň geçirilmegi bilen bagly işler alnyp barylýar. 3



### Iň uly elektrogämi suwa goýberildi

Awstraliýanyň Hobart şäheriniň portunda dünýäniň iň uly elektrogämisi suwa goýberildi. 4



### Bumerang barada gyzykly maglumatlar

Bumerang atly egri taýajyk zyňlan ýerine gaýdyp gelýändigi bilen kopleriň ünsüni özüne çekýär. 5



### «Inter» 7-nji, PSŽ 2-nji gezek finala çykdy

Dünýäniň iň uly klub ýaryşy hasaplanýan UEFA Çempionlar Ligasynda 33-nji, umumylykda 70-nji möwsümiň finalçylary belli boldy. 6



### Piastri arany açyp başlady

Formula 1 boýunça möwsümiň 6-njy ýaryşy ABŞ-nyň Maýami şäheriniň adybir halkara awtodromynda geçirildi. 7



# TÜRKMEN-FRANSUZ HYZMATDAŞLYGY TÄZE DEREJÄ ÇYKARYLÝAR

Prezident Emmanuel Makron belent mertebeli myhmany mähirli mübärekläp, Fransiýa gelmäge çakylygy kabul edendigi üçin hoşallygyny beýan etdi hem-de ikiçäk duşuşykda döwletara gatnaşyklaryň ileri tutulýan meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga dörän mümkinçilige kanagatlanma bildirdi. Fransiýanyň Baştutany öz ýurdunyň Türkmenistan bilen strategik hyzmatdaş hökmünde gatnaşyklary giňeltmäge gyzyklanma bildirýändigini aýdyp, Ýewropada Bitarap döwletimiziň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyna ýokary baha berilýändigini belledi.

Gahryman Arkadagymyz bildirilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlygyny beýan edip, dostluk we özara düşünişmek ýörelgeleri esasynda ýola goýulýan döwletara dialogyň soňky ýyllarda netijeli häsiýete eýedigini nygtady. Halkara gün tertibiniň möhüm meseleleri barada pikir alyşmalaryň dowamynda türkmen halkynyň Milli Lideri ýurdumyzyň halkara işlerde öz Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanýandygyny aýtdy.

Söhbetdeşler häzirki wagtda söwda-ykdysady ugurda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmak üçin iki ýurduň hem giň mümkinçiliklerini bardygyna ünsi çekip, bu mümkinçilikleri has işjeň ulanmagyň zerurdygyny nygtadylar. Nebitgaz toplumy, hemra-aragatnaşyk tehnologiýalary, ulag, gurluşyk, suw serişdeleri, himiýa hem-de derman senagaty, oba hojalygy we beýleki türkmen-fransuz gatnaşyklarynyň geljegi uly ugurlarynyň hatarynda görkezildi.

Dostlukly ýagdaýda geçen duşuşygyň dowamynda söhbetdeşler Türkmenistanyň hem-de Fransiýanyň özara gyzyklanma bildirilýän dürli ugurlarda mundan beýläk-de ýakyndan hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny tassykladylar.

Soňra ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy. Resminamalaryň hatarynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Fransiýa Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda durnukly şäher ösüşi babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Jarnama; Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen Fransiýa Respublikasynyň Ýewropa we daşary işler ministrliginiň arasynda bilim we ýokary okuw mekdepleri ulgamyndaky hyzmatdaşlyk etmek boýunça 2025-2026-njy ýyllar üçin «Ýol kartasy»; Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi bilen Fransiýanyň Tebigy taryhynyň milli muzeýiniň arasynda arheologik ylmy-barlag işleri babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyk; Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentligi bilen «Thales Alenia Space France» kompaniýasynyň arasynda «Türkmen-Älem 52°E-2» milli telekommunikasiýa hemrasyny üpjün etmek hakynda Çarçuwaly ylalaşyk; «Türkmengaz» döwlet konserni bilen «Kayrros SAS» kompaniýasynyň (Fransiýa Respublikasy) arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama bar.

Soňra gepleşikler iki ýurduň wekiliýet agzalarynyň gatnaşmagynda agşamlyk naharynyň başyndaky iş duşuşygy görnüşinde dowam etdi.

Gahryman Arkadagymyz Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makrona Parižе resmi sapar bilen gelmek baradaky çakylygy, bildirilen myhmansöýerlik we işlemäge döredilen şertler üçin minnetdarlyk bildirip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň mähirli salamyny ýetirdi.

Milli Liderimiz Fransiýanyň Prezidenti bilen geçirilen ikiçäk duşuşygyň dowamynda iki tarapyň hem syýasy, ykdysady, durmuş ulgamlarynda köpugurly hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegi maksat edinýändiklerini tassyklandyklaryny aýtdy we mümkinçilikden peýdalanyp, Fransiýa hem-de onuň ýolbaşçylaryna Türkmenistanyň Bitaraplygyny, halkara başlangyçlaryny üýtgewsiz goldaýandygy üçin minnetdarlyk bildirdi.

Biz şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda wekilçilikli halkara forumy geçirmegi öňe sürdük. Bu çäre Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, şeýle hem Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli geçiriler. Bu forum dünýä döwletleriniň dialog, parahatçylyk we döredijilik ýörelgelerine ygrarlydygyny beýan eder. Häzirki halkara gatnaşyklaryň dünýä arhitekturasynda möhüm özgerişleriň şaýady bolýan döwrümizde bu aýratyn möhüm bolup durýar. Bu özgerişler umumy ykrar edilen dünýä institutlarynyň çäklerinde jebisleşmek tagallalaryny talap edýär diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy we durnukly ählumumy howpsuzlygy üpjün etmegiň köptaraply usulynyň Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamy bolmagynda galýandygyna ynam bildirdi.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem Ýewropa ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek we berkitmek bolup durýar. Şolaryň arasynda Fransiýa aýratyn orna eýedir. Biziň ýurdumyz Ýewropa Bileleşigi bilen, şol sanda «Merkezi Aziýa – Ýewropa Bileleşigi»

**5-nji maýda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Fransiýa Respublikasyna resmi saparyny amala aşyrdy. Saparyň dowamynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makronyň arasynda gepleşikler geçirildi.**

formatynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge işjeň gatnaşýar. Şunuň bilen baglylykda, Milli Liderimiz geçen aýda geçirilen «Merkezi Aziýa – Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki birinji sammitiň möhüm ähmiýetini nygtady. Bu sammitde parahatçylyk, howpsuzlyk we durnuklylyk ýaly meselelerde sebitara özara hereketlere bolan isleg beýan edildi. Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa üçin Strategiýasynyň we özara gatnaşyklary çuňlaşdyrmak boýunça bilelikdäki «Ýol kartasynyň» düzgünlerini goldaýandygyny hem-de Ýewropanyň «Global Gateway» ýaly başlangyçlarynyň çäklerinde-de işjeň hyzmatdaşlyga taýýardygyny tassyklady.

Türkmenistan häzirki zaman ulag üpjünçilik ulgamyna eýedir. Şoňa görä-de, Hazaryň kenaryndaky Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň mümkinçiliklerini peýdalanmak bilen, Hazarüsti ulag geçelgesini mundan beýläk-de ösdürmegiň geljegi biz üçin uly gyzyklanma döredýär diýip, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy sözüni dowam etdi. Milli Liderimiz suwdan peýdalanmagyň Merkezi Aziýa sebitinde möhüm meseleleriň biri bolup durýandygyny belläp, Türkmenistanyň bu meselä seretmekde halkara hukugyň berjaý edilmegi; ähli sebit döwletleriniň bähbitleriniň özara hasaba alynmagy; bu işe halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň gatnaşmagy ýaly üç ýörelgeden ugur alýandygyny aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz syýasy-diplomatik ulgamda türkmen-fransuz hyzmatdaşlygynyň ýokary derejesini kanagatlanma bilen belläp, iki ýurduň daşary ykdysady edaralarynyň wekiliýetleriniň özara saparlarynyň yzygiderli geçirilýändigini, Daşary işler ministrlikleriniň arasynda hyzmatdaşlyk maksatnamasynyň hereket edýändigini belledi. Soňky ýyllarda biziň ýurdumyza Fransiýanyň Senatynyň «Fransiýa – Merkezi Aziýa» dostluk toparynyň ýolbaşçylarynyň birnäçe saparlary boldy.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk barada aýtsak, biziň bu gatnaşyklary has ýokary derejä çykarmak üçin uly mümkinçiliklerimiz bar. Biz eýýäm hormatly jenap Prezident bilen energetika, ulag, suw hojalygy, hemra-aragatnaşyk tehnologiýalary ýaly esasy ugurlarda özara gatnaşyklarymyzy işjeňleşdirmek boýunça birnäçe anyk çäreleri ara alyp maslahatlaşdyk diýip, Milli Liderimiz aýtdy we metan zyňyndylaryny azaltmagy, maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny, bank ulgamyny, hususy pudagy geljegi uly ugurlaryň hatarynda görkezdi.

Fransiýanyň iri halkara ekologiýa başlangyçlaryny we onuň syýahatçylyk ulgamyndaky öňdebaryjy ornuny hasaba almak bilen, bu ulgamlarda bilelikdäki işleri ýola goýmagy maksadalaýyk hasap edýärin. Şu we beýleki ugurlara Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-fransuz toparynyň we Energetika meselesi boýunça iş toparynyň çäklerinde seredilip bilner diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy hem-de şu ýyl bu toparlaryň nobatdaky mejlislerini geçirmegi teklip etdi.

Geçiren duşuşyklarymyň we biziň wekiliýet agzalarymyz bilen Fransiýanyň işewür toparlarynyň wekilleriniň arasyndaky gepleşikleriň barşynda iş ýüzündäki ylalaşyklara çykmak üçin hyzmatdaşlygyň anyk ugurlaryna seredildi. Biz durmuş ulgamyndaky türkmen-fransuz gatnaşyklaryna aýratyn ähmiýet berýäris. Frankofoniýa günleri, fransuz kinolarynyň görkezilişleri, sergiler, iki ýurduň sungat ussatlarynyň konsertleri yzygiderli geçirilýär.

Arheologiýa ulgamynda 30 ýyldan gowrak wagty öz içine alýan hyzmatdaşlygy aýratyn nygtamak isleýärin. 1994-nji ýylda Türkmenistanyň çäklerinde üstünlikli gazuw-agtaryş işlerini geçirýän «MAFTUR» türkmen-fransuz arheologik topary döredildi. 2024-nji ýylyň noýabrynda muzeýlerimiziň birinde Türkmen-fransuz arheologik topary tarapyndan bäş müň ýyldan gowrak taryhy bolan gadymy Ulugdepe taryhy-medeni ýadygärliginde tapylan arheologik tapyndylaryň sergisiniň açylyşy geçirildi diýip, Gahryman Arkadagymyz sözüni dowam etdi we 2027-2028-nji ýyllarda Parižde türkmen topragyndan tapylan, bürünç asyryna degişli arheologik tapyndylaryň sergisini guramak mümkinçiligine seretmegi teklip etdi.

Halk Maslahatynyň Başlygy hyzmatdaşlygyň täze gyzykly ugurlarynyň biri bolan speleologiýa barada aýdyp, fransuz hünärmenleriniň biodürlüligi öwrenmek we ylmy-barlag işlerini geçirmek maksady bilen, Köýtendagyň dag gerişlerindäki seýrek duş gelýän gowaklara eýýäm iki gezek üstünlikli ekspedisiýany amala aşyrandyklaryny belledi hem-de ýurdumyzyň mundan beýläk-de şu we beýleki ugurlardaky hyzmatdaşlyga ýardam bermäge taýýardygyny nygtady.

Çykyşynyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow Prezident Emmanuel Makrona we ähli fransuz dostlara mähirli garşylandyklary üçin ýene-de bir gezek minnetdarlyk bildirip, Türkmenistanyň köpugurly, netijeli we özara bähbitli hyzmatdaşlyga taýýardygyny tassyklady.

Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron çuň manyly çykyşy üçin Gahryman Arkadagymyza hoşallyk bildirip, beýan edilen teklipleriň möhüm ähmiýetini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedowa iň gowy arzuwlaryny ýetirmegi haýyş etdi.

## Adamsypat robot oýunlary geçiriler

Şu ýylyň 15-17-nji awgustynda Hytaýyň paýtagty Pekinde Bütindünýä adamsypat robot oýunlary guralar. Täsin bäsleşik Hytaý milli stadionynda hem-de Hytaý milli konkili typmak stadionynda geçiriler. Halkara sport we tehnologiýa çäresi esasy ýaryşlardan hem-de beýleki ugurdaş



çärelerden ybarat bolar. Ýaryşy guraýjylar geçiriljek oýunlaryň adamsypat robot tehnologiýasynyň köp dürlüligini, täzeçil we gündelik durmuşda ulanmaga amatlydygyny görkezmekden ybarat boljakdygyny belleýärler. Indi ösen tehnologiýa robotlaryň ukybyny artdyrýar. Golaýda ýurtda iki aýakly robotlaryň ýarym marafony hem geçirilipdi.

**Mähri GURBANOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Dünýäniň iň gowy myhmanhanalary

Syýahatçylyk maglumatlaryny taýýarlaýan «Tripadvisor» internet portaly okyjylarynyň ses bermeginde ýylyň iň gowy myhmanhanalarynyň sanawyny düzdi. «Travelers' Choice 2025 Best Of The Best» atly sanawda myhmanhanalar dürli ugurlarda baýraklara mynasyp boldy. Sanawa dünýäniň dürli ýerlerinden iň gowy dynç alyş merkezleri girizilipdir. Iň gowy myhmanhanalaryň sanawynda birinji ýeri Meksikadaky



«Secrets Akumal Riviera Maya» myhmanhanasy eýeledi. Meksika aýlagyndaky kenarýaka Akumal şäherindäki bu ýer tebigy gözellikleri bilen köpleri özüne çekýär. Bu ýerdäki dury suwly kenarda ýüzýän adamlar deňiz pyşdyllaryny we beýleki suw jandarlaryny ýakyndan görmäge mümkinçilik alýarlar. Ikinji ýeri Wýetnamdaky «Grandvrio Ocean Resort Danang» myhmanhanasy eýeläpdir. «Gokulam Grand Turtle on the Beach» myhmanhanasy (Hindistan) üçünji, «Romance Istanbul Hotel» myhmanhanasy (Türkiýe) dördünji bolupdyr.

**Yslamberdi TYLLANUROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## «Ýaşyl» energiýa taslamasy

Dünýäde soňky ýyllarda «ýaşyl» energiýa pudagyna uly maýa goýum gönükdirilýär. Ispaniýa umumy uzynlygy 2 müň 600 kilometre ýetýän wodorod ýangyç geçirijisi taslamasyny tanyşdyrdy. Taslama Ýewropanyň iň uly wodorod infrastrukturasy bolup, ýurduň «ýaşyl» energiýa geçişini çaltlandyrar. Energiýa desgasy «Enagás»



kompaniýasy tarapyndan dolandyrylyp, ýurduň 13 sebitinden geçer. Geçirijiniň uly bölegi bar bolan gaz geçirijiniň wodorod akdyrmaga ukyply ýagdaýa getirilmegi bilen dörediler. Bu ýagdaý onuň bahasyny arzanlatmaga we daşky gurşawa ýetirýän zyýanyny azaltmaga ýardam eder.

2028-nji ýylda gurluşygyna başlanjak desga 2030-njy ýyla çenli ulanmaga berler. Geçiriji Portugaliýa bilen Fransiýany öz içine alýan «H2Med» geçirijisine birikdiriler.

**Mahmut ALLANAZAROW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## ABUNA ÝAZYLYŞYGY DOWAM EDÝÄR

Ýurdumyzda çap edilýän islendik gazet-žurnaly diňe bir kagyz görnüşinde däl, eýsem, el telefonlary, ýankompýuterler arkaly okamak, gündelik täzelikler bilen gyzygyny bilen tanyşmak mümkin. Munuň özi döwür bilen aýakdaş barýan ýurdumyzyň neşirýat ulgamynda ýetilýän sepgitlere aýdyň şaýatlyk edýär. Ýurdumyzda çap edilýän beýleki gazet-žurnallar bilen bir hatarda «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň okyjylarynyň köpdügini aýratyn bellemek gerek. Bu gazetiň sahypalarynda, web saýtynda diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem, dünýä täzelikleri hem giňden beýan edilýär. Gazetiň habarlar, dünýä täzelikleri, sport, sungat, çagalar, edebiýat ýaly bölümlerinde gyzykly, manyly makalalary, täzelikleri okamak mümkin. Neşiriň web sahypasynda söwda ulgamyndaky täzelikler bilen tanşyp bolýar. Zehin synagy bölüminde bolsa, onlaýn synaglary çözüp, öz bilimiňizi kämilleşdirmek mümkin. Şeýle hem gazetde peýdaly maslahatlar, çagalar üçin dürli güýmenjeler, krosswordlar, skanwordlar çap edilýär. «Zaman-Türkmenistan» gazetini mobil goşundy arkaly her bir okyjy okap bilýär. Munuň özi her bir okyjynyň wagtyny gyzykly geçirmegine uly mümkinçilik berýär.



Şu günler dowam edýän 2025-nji ýylyň II ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygyna Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrap birleşmesiniň işgärleri, işjeň agzalary uly höwes bilen ýazylýarlar. Ähli watandaşlarymyzy «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň elektron we kagyz görnüşine abuna ýazylmaga çagyrýarys. «Zaman-Türkmenistan» gazeti bilen wagtyňyzy gyzykly we peýdaly geçiriň.

**Gülhumar HOJAHMETOWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrap birleşmesiniň esasy hünärmeni.*

## DUTARYŇ BELENT OWAZY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli mirasymyzy düýpli öwrenmek, aýawly saklamak we dünýäde wagyz etmek boýunça işlere möhüm ähmiýet berilýär. Ýaş nesillerde medeniýetimize söýgini kemala getirmek, olaryň döredijilik ukybyny höweslendirmek, dutarda ýerine ýetirijilik, bagşyçylyk sungatyny geljek nesillere ýetirmek, dünýä ýaýmak, zehinli bagşy-sazandalary ýüze çykarmak maksady bilen her ýyl geçirilýän «Çalsana, bagşy!» atly döredijilik bäsleşigi hem munuň aýdyň güwäsidir.



Döredijilik bäsleşigine 18–35 ýaş aralygyndaky ýerine ýetirijileriň gatnaşmagy ýurdumyzda ýaşlar baradaky aladanyň döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridigini nobatdaky gezek tassyklaýar. Häzirki wagtda bu bäsleşigiň etrap tapgyrlary geçirilýär.

Türkmen halk saz gurallary häzirki wagtda dürli orkestrleriň düzüminde ýaňlanyp, şolaryň hatarynda dutar aýratyn orny eýeleýär. Dutarçy sazandalaryň ýerine ýetirmeginde ýaňlanan dünýäniň dürli halklarynyň sazlary, şol sanda nusgawy sazlar konsertlere gaýtalanmajak öwüşgin çaýýar.

**Dana AMANMYRADOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## UÇARDAN ÇALT GIDÝÄN OTLY

Dünýäniň iň ýokary tizlikli otlusy Hytaýyň Şanhaý şäherinde ýolagçy gatnawyny amala aşyrýar. Şäheriň aeroporty bilen şäher merkeziniň aralygynda gatnaýan otlynyň tizligi sagatda 431 kilometre ýetýär. Häzirki wagtda «China Railway» kompaniýasy has ýokary tizlikli otlyny işläp taýýarlaýar. Täze demir ýol ulagynyň tizligi sagatda 1000 kilometre barabar bolar. Muňa otlynyň daşky dizaýny, magnitli göteriji ulgamy we beýleki ýokary tehnologiýalar mümkinçilik berer. Magnitli göteriji ulgam otlynyň tigirlerini magnit arkaly howada saklamaga ýardam edýär. Şeýlelikde, rels bilen galtaşyk kesilip, sürtülme güýji aradan aýrylyp, otlynyň ýerde «uçmagyna» şert döredýär. Bu bolsa, otlynyň çykarýan sesini hem azaldýar. Adatça ýolagçy uçarlary sagatda 880-920 kilometr tizlik bilen hereket edýärler. Otly ilki bilen Hunan welaýatyndaky Çanşa demir ýol menzilinden başlanýan ugurda ulanylar.



**Gülşat GURBANOWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Büzmeýin DES-indäki kitaphana şahamçasynyň 1-nji derejeli kitaphanaçysy.*

## MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ ÄHLI PUDAKLARY INNOWASIÝALAR ESASYNDA ÖSDÜRILÝÄR

**Ýurdumyzda milli ykdysadyýetiň ähli ulgamlaryna innowasion tehnologiýalar we öňdebaryjy tejribeler işjeň ornaşdyrylýar. Munuň özi durnukly ösüşiň depginini ýokarlandyrmak bilen birlikde, önümleriň we hyzmatlaryň ýokary derejesini, halkara ölçeglere kybap gelmegini üpjün edýär. Hormatly Prezidentimiziň bimöçber tagallalary bilen «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» üstünlikli durmuşa geçirilip, giň möçberli toplumlaýyn özgertmeler amala aşyrylýar. Eziz Watanymyzda tehnologiýalary we nou-haulary alyşmak, täze önümçilikleri döretmek işleri rowaçlanýar. Milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň innowasiýalar esasynda**



**ösdürilmegi hormatly Prezidentimiziň alyp barýan oýlanyşykly hem-de öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde, ägirt uly mümkinçilikleriň ählitaraplaýyn durmuşa geçirilýändigini tassyklaýar. Innowasion senagat önümçiligi ygtybarly ösüşde uly ähmiýete eýe bolup, ykdysady howpsuzlygyň pugtalandyrylmagyny üpjün edýär.**

**Türkmenistanyň innowasion senagaty hökmünde energetika, nebit we gaz çykaryjy, olary gaýtadan işleýän, himiýa, nebithimiýa pudaklary, maşyngurluşyk, metal işläp çykarýan, gurluşyk harytlaryny öndürýän, ýeňil we azyk senagaty kärhanalaryny görkezmek bolar. Ykdysadyýetde soňky ýyllarda bolup geçen wakalar ýurdumyzyň saýlap alan innowasion ösüşlere beslenen giň möçberli özgertmeler ýoluna pugta eýerip, dünýä ykdysadyýetine okgunly goşulýandygyny aýdyň görkezýär. Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde medeni-durmuş maksatly döwrebap binalar, kuwwatly kärhanalar, obadyr şäherler gurulýar. Diňe Diýarymyzda däl, eýsem, Merkezi Aziýa sebitinde ilkinji «akylly» şäher bolan Arkadag şäheriniň açylmagy, polimer kärhanasy, häzirki zaman «float» tehnologiýasy esasynda dürli aýna önümlerini öndürýän zawod, karbamid dökünleriniň önümçiligi, tebigy gazdan ekologiýa taýdan arassa sintetik benzin öndürýän dünýäde ýeke-täk zawod hem ýurdumyzyň täzeçil ösüşleriniň aýdyň mysallarydyr. Häzirki wagtda «Türkmenistanda öndürildi» diýen ýazgyly önümler dünýä bazarlarynda uly orun eýeleýär.**

**Güljahan ÝAZLYÝEWA,**
***Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.***

## HALY – HALKYMYZYŇ HAZYNASY

**Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda milli mirasymyzy öwrenmek, ösdürmek ugrunda möhüm işler alnyp barylýar. Ýokary çeperçiligi, inçeligi bilen göreni haýrana goýýan halyçylyk sungaty türkmen medeniýetiniň iň gymmatly we kämil mirasydyr. Gadymy döwürlerden bäri dünýä meşhur haly sungatynyň köp asyrlyk taryhy bar. Haly we haly önümlerini dokamak däbi nesilden-nesle geçip, asyrlaryň dowamynda timarlanypdyr, kämilleşipdir we türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuşy bilen berk bagly bolupdyr.**



**Türkmen halysy gözelligiň we beýik sungatyň nusgasy. Täze taryhy döwürde türkmen halkynyň ruhy-medeni mirasyny düýpli öwrenmek, haly dokamak sungatynyň gadymy ýörelgelerini we gymmatlyklaryny aýawly gorap saklamak hem-de artdyrmak ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyzda her ýylyň maý aýynyň soňky ýekşenbesinde Türkmen halysynyň baýramy giňden bellenilýär. Bu sene mynasybetli sergi we baýramçylyk dabaralary geçirilýär.**

**Köklerini gadymy döwürlerden alyp gaýdýan türkmen halyçylyk sungaty dünýäniň medeni mirasynda mynasyp orun tapdy. Türkmen milli halyçylyk sungatynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi halyçylyk sungatynyň bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdygyny aýdyň görkezýär.**

**Döwletjemal MEREDOWA,**
***Ahal welaýatynyň Kaka etrabyndaky 9-njy çagalar bagynyň terbiýeçisi.***

## Watan gahrymanlary sarpalanýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

7-nji maýda Aşgabat şäher häkimliginiň «Mekan» köşgünde 1941 – 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş güni mynasybetli uruş weteranlaryna, uruşda wepat bolan esgerleriň ýanýoldaşlaryna hormatly Prezidentimiziň adyndan pul hem-de gymmat bahaly sowgatlaryň gowşurylyş dabarasy boldy.

Bu çäre 1941 – 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylaryň söweşlerde görkezen deňsiz-taýsyz gahrymançylygynyň, tylda zähmet çeken ak saçly enelerimiziň nusgalyk edermenliginiň hormatlanylyp, olaryň ýaş nesillerimizi watançylyk, gahrymançylyk, mertlik ruhunda terbiýelemekde, halkymyzyň agzybirligini, jebisligini berkitmekde alyp barýan asylly işlerine, ýurdumyzda düýpli özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirmäge goşýan goşantlaryna aýratyn ähmiýet berilýändigini alamatlandyrdy.



Ýeňiş güni biziň hemmämiz üçin aýratyn gymmatlydyr. Beýik Watançylyk urşunda Ýeňiş gazanmak üçin ähli doganlyk halklar synmaz ruhy jebisligiň nusgasyny we edermenlik görkezdiler. Häzirki wagtda bu baýramy bellemek bilen, biziň her birimiz Ýer ýüzünde parahatçylygyň hatyrasyna çäksiz gahrymançylyk we edermenlik görkezenleriň ählisine hoşallyk duýgusyny beýan edýäris. Milli gahrymanlarymyzyň edermenlikleri baradaky ýatlamalar kalplarymyzda hemişelik ýaşar, doganlyk halklary has-da jebisleşdirer hem-de döwletara gatnaşyklaryny pugtalandyrmak üçin ygtybarly binýat bolup hyzmat eder.

**Nazar AGAMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Maý aýynyň 9-y, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116282
Belgisi: 19/1637
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

**BIZIŇ SALGYMYZ:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
**Tel/Faks:** 28-14-05, 28-14-36
**web sahypa:** www.zamanturkmenistan.com.tm
**e-poçta:** info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Türkmen Bitaraplygy sebitde we dünýäde parahatçylygyň kepilidir

Hemişelik Bitaraplyk döwletimize sebitde we dünýäde hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny ösdürmäge, halkara hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge aýdyň ýol açdy. Türkmenistanyň gysga wagtyň dowamynda dünýä giňişliginde özboluşly daşary syýasaty amala aşyrýan döwlet hökmünde özüni tanatmak bilen, ylalaşdyryjy merkez hökmünde bitiren hyzmatlary Watanymyzyň halkara abraýyny has-da belende göterdi. Bu gün Bitaraplygyň beren miweleri biziň gündelik durmuşymyzyň her bir jähetinde öz beýanyny tapýar. Hemişelik Bitaraplyk derejämizi tassyklaýan jümlelerdir alamatlar Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, Döwlet baýdagynda, Döwlet senasynda orun aldy.

Häzirki wagtda ösüşlere beslenen Diýarymyz hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllyk toýuna barýar. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan taryhy Rezolýusiýanyň kabul edilmegi bilen Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolmagy ýurdumyzyň we bagtyýar halkymyzyň durmuşynda aýratyn uly wakalaryň biri boldy. 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde oňa agza döwletleriň 193-siniň biragyzdan goldamagy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Rezolýusiýanyň ikinji gezek kabul edilmegi bolsa, Garaşsyz Türkmenistanyň sarsmaz, mizemez döwlet hökmünde ýene-de bir gezek bütin dünýäde ykrar edilmegidir. Türkmen Bitaraplygy ýurdumyzyň şöhratly ýeňişleriniň, beýik üstünlikleriniň beýany bolup, taryhyň sene ýazgysyna altyn harplar bilen müdimilik ýazyldy.




Ýakynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň üçünji gezek biragyzdan kabul edilmegi baradaky hoş habaryň gelip gowuşmagy halkymyzyň göwnüni galkyndyrdy. Kararnama sebitde parahatçylygyň we howpsuzlygyň berkidilmeginde, sebitara we halkara hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmekde möhüm ähmiýete eýedir. Hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary, parahatçylyk söýüjilikli ýörelgeler esasynda gazanylýan üstünlikler, ýetilýän belent sepgitler ýurdumyzyň saýlap alan oňyn Bitaraplyk ýolunyň, ýöredýän daşary syýasat ugrunyň dogrudygyny doly açyp görkezýär.

Bitaraplyk – bu parahatçylyk diýmek. Parahat halk asuda asmanyň astynda köp işleri amala aşyryp bilýär. Ýurdumyzyň «Açyk gapylar» syýasaty halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün edýär. Diýarymyz dünýä döwletleri bilen hoşniýetli, parahatçylyk söýüjilik gatnaşyklary üstünlikli ýola goýmak bilen, sebitde möhüm orny eýeleýär. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy – dünýäde bagtyýar halkymyzyň syýasy ýörelgeleriniň ynsanperwerlikden gözbaş alýandygynyň ykrarnamasy bolup ýaňlanýar.

Goý, dünýäde asudalygyň mekany hökmünde tanalýan eziz Diýarymyz mundan beýläk hem gülläp össün! Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan adamzat bähbitli beýik işleri dowamata dowam bolsun!

**Gülşat ATAMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# RAÝAT AWIASIÝASYNYŇ BATLY GADAMLARY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Diýarymyzyň günbatar sebitiniň merkezi Balkanabat şäheriniň Jebel şäherçesinde gurlan täze ulag-logistika merkezi, tutuş ýurdumyz bilen birlikde, Balkan welaýatynyň geljekde ykdysady, medeni-durmuş ulgamlarynda uly ösüşleri gazanmagyna ýardam berer. Täze Halkara howa menzili häzirki zaman howa gämileriniň ähli görnüşlerini diýen ýaly kabul etmäge ukyplydyr. Bu ýerde dikuçarlaryň dördüsi, howa gämileriniň altysy üçin duralgalar bar. Beýikligi 35 metre ýetýän dolandyryş diňi, uzaklardan seleňläp duruşyna ýolagçylaryň we dürli ýükleriň ýerli hem-de daşary ýurt gatnawlaryny amala aşyrmaga niýetlenen desganyň görküne görk goşýar.

Garaşsyz Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyny giňden toýlanýan ýylynda ulanmaga berlen bu howa menzili arkaly her ýylda 200 tonna ýük dolanyşygy amala aşyrylar. Döwlet Baştutanymyzyň Balkanabat Halkara howa menzilini açyp ulanmaga bermegi diňe bir Balkanabadyň ildeşleriniň däl, eýsem watandaşlarymyzyň-da çäksiz şatlyk döretdi. Jebel şäherçesiniň golaýynda ýerleşýän bu döwrebap howa menzili uzak aralyklary ýakynlaşdyrar. Şol bir wagtda-da ol sebitiň tebigy baýlyklaryndan, ykdysady mümkinçiliklerinden has netijeli peýdalanmaga şert döreder. Nesip bolsa, howa menzili diňe bir ýurdumyz üçin däl, tutuş Merkezi Aziýa, Ýewropa sebitleri üçin hem möhüm aragatnaşyk we ykdysady nokatlaryň birine öwrüler.

Täze desga döwrebap mümkinçiliklere eýe. Bu ýerde ýolagçylar üçin halkara ülňülere laýyk gelýän hyzmatlar sazlaşykly ýola goýlupdyr. Her sagatda 100 ýolagça hyzmat etmäge mümkinçiligi bolan täze howa menzilinde uçuş-gonuş zolagyndan başga-da, birkidirili öwrüm ýollary, uçar duralgalarynyň meýdançalary, ýolagçy terminallary, dolandyryş diňi, barlag-geçiriş bölümleri, halas ediş we ýangyna garşy göreş binalary, tehniki desgalar, suw rezerwuarlary, ýşyklandyryş, habar beriş ulgamynyň bökdençsiz işini üpjün etmäge niýetlenen desga, radiotehniki ulgamlaryň bekedi, ýük meýdançasy we terminaly ýaly birnäçe ugurdaş desgalar gurlup, olar kämil enjamlar bilen üpjün edilipdir.






Umuman, Ýewropanyň we Aziýanyň söwda-ulag ýollarynyň wajyp çatrygynda ýerleşýän Türkmenistana üstaşyr ulag geçelgelerini işjeňleşdirmek üçin amatly mümkinçiliklerini döredýär. Demir ýol, awtomobil, deňiz, howa ulaglaryny ösdürmek, geljegi uly üstaşyr ulag geçelgelerini döretmek boýunça uzak möhletleýin strategiýa durmuşa geçirilip, durnukly ösüşiň, ählumumy abadançylygyň bähbitlerine ulag diplomatiýasy ilerledilýär. Ulag diplomatiýasynyň hukuk esaslaryny berkitmekde, pudagyň kämilleşdirilmeginde has-da pugtalandyrmakda, bu ugurda kanunçylygy kämilleşdirmekde «Türkmenistanyň Prezidentiniň ulag diplomatiýasyny ösdürmegiň 2022 – 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyna» aýratyn orun degişlidir. Ýurdumyzyň ulag diplomatiýasyny esasy ugurlaryny özünde jemleýän bu resminamada giň gerimli strategik maksatlara ýetmek göz öňünde tutulýar. Türkmenistanyň bar bolan kuwwatyndan netijeli peýdalanmak arkaly bitewi multimodal üstaşyr ulag geçelgelerini döretmek hem Maksatnamanyň esasy wezipeleriniň biridir.

**Ogulnyýaz ANNATAGANOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# ÝURDUMYZYŇ BAŞLANGYÇLARY BÜTIN DÜNÝÄDE YKRAR EDILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Halkara maslahatyň Türkmenistanda guralýandygy bilen baglylykda, şol döwürde Merkezi Aziýanyň her bir ýurdunyň Awazada öz milli gününi geçirip, özboluşly medeniýetini, sungatyny, milli tagamlaryny görkezmegi göz öňünde tutulýar. Munuň özi ýurdumyzyň öňe sürýän başlangyçlarynyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilýändiginiň we olaryň halkara giňişlikde uly ähmiýete eýediginiň nobatdaky beýanyna öwrüldi. Ýurdumyz dünýäde parahatçylyksöýüjilikli daşary syýasaty üstünlikli durmuşa geçirmek bilen, halkara guramalaryň çäklerinde umumadamzat bähbitli başlangyçlary we teklipleri öňe sürýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýan, deňhukuklylyk, özara düşünişmek, hoşniýetli goňşuçylyk, oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatymyz, dünýäde parahatçylygy we durnuklylygy üpjün etmek boýunça halkara başlangyçlarymyz yzygiderli ilerledilýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda şeýle Kararnamalaryň kabul edilmegi eziz Diýarymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy bilen utgaşyp, 2025-nji ýylyň ähmiýetini has-da artdyrýar.

Türkmenistanyň öňe sürýän daşary syýasy başlangyçlarynyň halkara giňişliginde giňden goldanylmagy we yzygiderli ösdürilmegi, ýurdumyzyň halkara derejesindäki abraýynyň barha ýokarlanýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär. Geçen ýyllaryň içinde eziz Watanymyzyň parahatçylyksöýüjilikli daşary syýasaty diňe milli bähbitlere däl-de, dünýä bileleşiginiň uzakmöhletleýin maksatlaryna, ählumumy durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge, netijeli, sazlaşykly çemeleşmäniň ölçeglerine, döwletara gatnaşyklaryň binýatlyk esasy hökmünde BMG-niň Tertipnamasynyň ýörelgelerine kybap gelýändigini görkezdi. Munuň özi ýurdumyzyň daşary syýasat strategiýasynyň, mähriban Watanymyzyň gülläp ösmegine, ykdysady kuwwatynyň has-da berkemegine gönükdirilen tagallalarynyň hem-de deňhukukly we özara bähbitli halkara hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan oýlanyşykly başlangyçlarynyň rowaçlyklara beslenýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.



Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň bütin dünýäde abadançylygy berkarar etmäge gönükdirilen tagallalaryna işjeň gatnaşmak bilen, Ýer ýüzünde parahatçylygyň, howpsuzlygyň binýadyny pugtalandyrmakda, syýasy-diplomatik, ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlardaky hyzmatdaşlygyň netijeli görnüşlerini işläp taýýarlamakda halkara giňişlikdäki işjeň ornuny barha berkidýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe öz üstüne alan halkara borçnamalaryna üýtgewsiz ygrarlydygyny görkezýän hemişelik Bitarap ýurdumyz tutuş sebitiň we dünýäniň parahatçylyk döredijilik merkezi hökmünde ykrar edildi. Türkmenistanyň başlangyçlary boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen Kararnamalar munuň şeýledigine aýdyň şaýatlyk edýär. Munuň özi Milletler Bileleşiginiň Türkmenistanyň jogapkärli strategik hyzmatdaş hökmünde häzirki döwrüň möhüm meselelerini çözmäge goşýan goşandyna, ýurdumyzyň bütin dünýäde parahatçylygy we abadançylygy üpjün etmek ugrunda durmuşa geçirýän daşary syýasatyna ýokary baha berýändiginiň nyşanydyr.

**Kakajan BERDIÝEW,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň bölüm müdiri.*

# Milli gahrymanlaryň belent sarpasy

Türkmen halkymyz gahrymançylygyň, mertligiň gadyryny bilýän halk. Watansöýüjiligiň ajaýyp nusgasyny nesillerimize miras goýan gahryman gerçeklerimiz, şeýle-de Milli Gahrymanlarymyz her bir türkmen raýatynyň kalbynda orun aldy. Ýurdumyzyň obadyr şäherleriniň köçeleri gahryman gerçeklerimiziň atlaryny buýsanç bilen göterýär. Şu ýyl Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşe 80 ýyl dolýar.

Watan ugrundaky söweşlerde gahrymançylyk görkezen gerçekleriň mertebesi elmydama belent tutulýar. 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşuna hem türkmeniň gaýduwsyz ogullarynyň müňlerçesi gatnaşdylar. Olar doganlyk halklaryň wekilleri bilen egin-egne berip, gahrymançylygyň beýik nusgasyny görkezdiler. Bu söweşde halklaryň mizemez dost-doganlygy, jebisligi üstün çykdy.

Watanyň asudalygy, il-günüň rahatlygy, ýaş nesilleriň bagtyýar ýaşamagy ugrunda göreşen gahrymanlar kalbymyzda hemişelik ýaşaýarlar. Şeýle esgerleriň hatarynda Gahryman Arkadagymyzyň atasy Berdimuhamet Annaýew hem bar. Il-ulsuň parahatlygy ugrundaky söweşde Berdimuhamet aga agyr ýaralanyp, harby hassahanada sagalyp dikeldenden soňra, dogduk mekanyna gaýdyp gelýär. Onuň tyla gelmegi bilen obadaşlarynyň, hususan-da, ýaş nesilleriň durmuşynda täze döwür başlanýar. Watan gahrymany ilaty sowatly etmekde, çagalara bilim bermekde uly işler bitirýär. Bu barada Gahryman Arkadagymyzyň «Älem içre at gezer», «Döwlet guşy» atly romanlarynda giňişleýin gürrüň berilýär. Bu ajaýyp eserlerde baş gahrymanlaryň ykbaly bilen bilelikde halkyň tylda görkezen gahrymançylygy hem taryhy maglumatlaryň üsti bilen beýan edilýär.



Urşuň yzynda galan adamlar tutanýerli zähmet çekip, tygşytlan serişdeleriniň ençemesini goranmak gaznasyna tabşyrdylar. Türkmen gelin-gyzlary bolsa ýeňşiň hatyrasyna altyn-kümüş şaý-seplerini, dokma önümlerini, ellikdir joraplary goranmak gaznasyna bagyş etdiler. Munuň özi türkmen halkynyň Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda bir jan, bir ten bolup göreşendiginiň ajaýyp mysalydyr. Bu günki gün Watanyň erkinligi, halkyň parahatçylygy ugrunda gaýduwsyzlyk görkezen gahryman ogullar ýatdan çykarylmaýar. Ýaş nesiller olaryň asylly ýörelgelerinden ugur alyp, watansöýüjiligiň beýik mekdebine tagzym edýärler.

Beýik Watançylyk urşunyň ýeňiş bilen tamamlananyna ençeme ýyl geçse-de, onuň pidasy ýüreklerden çykmaz. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Watan üçin baş goýan, edermenligiň, gahrymançylygyň we synmaz ruhuň nusgasyny görkezen gahrymanlara uly hormat goýulýar. Munuň şeýledigini milletiň eşretli geljeginiň, hakyky edermen nesliň dowamatynda, halkynyň abadan durmuşynyň aladasy bilen ýaşaýan Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen kabul edilen «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynda Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylara pensiýalaryň aýratyn tapawutlandyrylandygyny görmek bolýar. Her ýyl bolşy ýaly, bu ýubileý ýylynda hem hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda ähli uruş weteranlaryna 200 manat möçberinde pul sowgady we gymmat bahaly sowgatlar dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

Watan mukaddesligini belende götermek, ak ýürekden yhlasly zähmet çekmek her bir ynsan üçin uly mertebedir. Ata Watan üçin nesilleriň hatyrasyna edilen her bir gahrymançylykly hereket taryhda ömürlere nusgalyk ýörelgedir.

**Gyzylgül MEZILOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# Halkymyzyň saglygy – ýurdumyzyň baýlygy

Eziz Diýarymyzda döwrebap lukmançylyk edaralaryny, saglygy goraýyş merkezlerini gurmak, ozal bar bolanlarynyň durkuny täzelemek bilen baglanyşykly meselelere aýratyn ähmiýet berilýär. Adam saglygy babatdaky aladany döwlet syýasatynda ilkinji nobatda goýýan Gahryman Arkadagymyz saglygy goraýyş ulgamyna ylmy taýdan çemeleşmeleriň giňden ornaşdyrylmagyna uly ähmiýet berýär. Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda milli saglygy goraýyş ulgamy halkara derejä çykarylyp, dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalary, ylmy-lukmançylyk merkezleri bilen hyzmatdaşlyk giňeldilýär. Ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olara garşy göreşmek boýunça uly üstünlikler gazanylýar. Ýurdumyzyň saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynyň binýady pugtalandyrylyp, saglygy goraýyş edaralarynyň, bejeriş we anyklaýyş merkezleriniň, şypahanalaryň maddy-enjamlaýyn düzümi yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar.

Ilatyň saglygyny goramakda we saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmekde «Saglyk» Döwlet maksatnamasy esasy gollanma we ýolgörkeziji bolup hyzmat edýär. Maksatnamanyň esasy maksady ilatyň saglygyny goramakdan, adamlaryň ömrüniň dowamlylygyny uzaltmakdan we jemgyýetiň hemmetaraplaýyn ösmegini üpjün etmekden, sagdyn durmuş kadalaryny ornaşdyrmakdan ybaratdyr. «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilmegi bilen, saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmek we halkara ölçeglere laýyk getirmek babatda düýpli özgertmeler durmuşa geçirildi. Şonuň netijesinde, ýurdumyzyň saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynda uly we täze sepgitlere ýetildi.



Ýakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli Daniýa Patyşalygynyň Kopengagen şäherinde Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň (BSGG) Ýewropa sebiti boýunça edarasynda Türkmenistanyň güni geçirildi.

Türkmen wekilleri, BSGG-niň Ýewropa sebiti boýunça edarasynyň ýolbaşçysy doktor Hans Klýüge, BSGG-niň bölüm ýolbaşçylary, şeýle hem sanly ulgam arkaly göni aragatnaşykda BSGG-ä agza bolan dürli döwletleriň wekilhanalarynyň ýolbaşçylary we hünärmenler düzümi gatnaşdy.

Çäräniň meýilnamasynyň çäklerinde ýokanç we ýokanç däl keselleriň öňüni almak, derman serişdelerine gözegçilik etmek we olary hasaba almak işleri, keselleriň öňüni alyş sanjymlar bilen ilaty doly gurşap almakda we ilatyň saglygy ugrunda sowatlylygyny ýokarlandyrmak boýunça Türkmenistanda döwlet derejesinde alnyp barylýan işler hem-de ýetilen sepgitler ara alnyp maslahatlaşyldy we geljekki hyzmatdaşlygyň ugurlary kesgitlenildi. Şeýle hem bu çäräniň dowamynda ýurdumyzyň Saglygy goraýşynda we derman senagatynda 30 ýylyň dowamynda ýetilen üstünliklere we sepgitlere bagyşlanyp surat sergisi guraldy.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa ornaşdyrylýan her bir özgertmäniň, başlangyjyň, kabul edilýän çözgüdiň özeninde halk hakynda alada bar. Ýurdumyzda adamy döwletiň we jemgyýetiň iň gymmatly baýlygy hökmünde yglan eden Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize uzak ömür, döwletli işlerinde üstünlik arzuw edýäris!

**Gunça KAKAÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň akuşerçilik we ginekologiýa kafedrasynyň assistenti.*

# SANLY TEHNOLOGIÝALAR – ÖSÜŞIŇ BINÝADY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim ulgamy sanly tehnologiýalaryň esasynda düýpli özgerdilýär. Bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny kemala getirmek maksady bilen, iri ylmy-barlag taslamalary durmuşa geçirilýär. Munuň özi ýakyn geljekde sanly ykdysadyýete geçmekde, bilim ulgamynda sanly tehnologiýalary ornaşdyrmakda öňde goýlan wezipeleri üstünlikli çözmäge ýardam edýär.

Ýurdumyzyň bilim babatda kuwwatyny artdyrmak we onuň mümkinçiliklerini ähli ugurlarda we ulgamlarda häzirki zaman sanly ykdysadyýetiň talaplaryna laýyk derejede alyp barmak esasy wezipeleriň hatarynda durýar. Bu wezipeleri durmuşa geçirmekde hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen birnäçe möhüm çözgütler kabul edildi. Olaryň hatarynda «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy», «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» ýaly möhüm resminamalar bar. Bular öz gezeginde sanly ykdysadyýet bilen sanly bilim ulgamyny sazlaşykly ösdürmäge giň mümkinçilikleri döredýär.



Ýurdumyzda bilim ulgamynda alnyp barylýan halkara hyzmatdaşlyk gatnaşyklary daşary ýurtlaryň abraýly ýokary okuw mekdepleri bilen bilelikde täze taslamalary durmuşa geçirmäge, okatmagyň häzirki zaman usullary babatda tejribe alyşmaga ýardam berýär. Ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň hem-de talyplarynyň hyzmatdaş döwletleriň ýokary okuw mekdeplerinden kärdeşleri bilen maglumat we tejribe alyş-çalşygyny guramagy täze başlangyçlara gadam goýulýandygyny subut edýär. Bilelikde uzak aralykdan guralýan okuwlar, ylmy-amaly, ylmy-usuly maslahatlar bu aýdylanlara mysal bolup biler.

Ýurdumyzda ýaşlara döwrebap bilim bermegiň aýdyň ugurlary kesgitlendi. Bu babatda ýurdumyzy syýasy, ykdysady, medeni taýdan ösdürmegiň derwaýys meselelerinden ugur alynýar. Türkmenistanda bilim ulgamyny döwrüň talaplaryna laýyk kämilleşdirmek ugrunda giň gerimli özgertmeler maksatnamasy toplumlaýyn durmuşa geçirilýär. Şeýle ösüşleriň hatarynda internetiň we öýjükli aragatnaşygyň 4G hilini, mekdepleriň internet ulgamyna birikdirilmegini, «e-Mekdep» portalynyň işe girizilmegini, multimedia serişdeleri bilen üpjün edilmegini, bäsleşikleriň geçirilmegini, elektron maglumatlar ulgamyny döretmäge girişilmegini, sanly bilim ulgamyna badalga berilmegini görkezmek bolar.

Sanly tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy globallaşýan dünýäniň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri bolmak bilen, maglumat we maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary ulgamlarynda gazanylýan ösüşlere esaslanýar. Hususan-da, welaýatlarda we etraplarda elektron resminama dolanyşygy




ulgamynyň ornaşdyrylmagy pudaklaryň arasyndaky özara hereketleriň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam berdi.

Elektron kommunikasiýasynda hyzmatlaryň dürli görnüşleri peýda bolar. Sebitleri durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasynda göz öňünde tutulan wezipeleri, Oba milli maksatnamasyny üstünlikli ýerine ýetirmekde hem elektron resminama dolanyşygyna möhüm orun degişlidir. Bu ugurdaky hünärmenler täze tehnologiýalaryň artykmaçlyklaryndan doly peýdalanyp, netijeli işleýärler. Täze tehnologiýalaryň girizilmeginiň we ýaýradylmagynyň çaltlandyrylmagy – ykdysadyýetiň sanlylaşdyrylmagy netijesinde döreýän global wezipe bolup durýar.

Halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşyny, asuda durmuşyny, nurana ertirini üpjün etmäge gönükdirilen beýik işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli beýik işleri mundan beýläk-de rowaçlyklara beslensin!

**Amangeldi GURBANOW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň hukuk fakultetiniň kiberhowpsuzlyk we sanly tehnologiýalar kafedrasynyň müdiri.*

# EKOLOGIÝA ABADANÇYLYGY ÜNS MERKEZINDE

Türkmenistan dünýä bileleşiginiň howanyň üýtgemegi we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek meseleleri boýunça tagallalaryna işjeň gatnaşýar. Hormatly Prezidentimiz 2023-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Asssambleýasynyň 78-nji mejlisinde, Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça Sebit merkezini döretmegi teklip etdi. Şol ýylyň noýabr aýynda sebit maksatnamalaryny işläp taýýarlamak üçin Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasynyň (ÝUNEP) arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.

Mundan başga-da, döwletimiziň başlangyjy esasynda «Birleşen Milletler Guramasynyň Aral deňziniň sebiti üçin Ýörite maksatnamasynyň döredilmeginiň şertlerine garamak» atly Kararnamasyna laýyklykda geňeşmeler geçirilýär. Hazar deňziniň tebigy baýlyklaryny gorap saklamak hem hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň hatarynda durýar.

Hazar deňzinde ekologiýa taýdan ýaramaz täsirleriň öňüniň alynmagyna goňşy ýurtlar, hyzmatdaşlar hem-de abraýly halkara guramalar, ilkinji nobatda, BMG bilen ýygjam gatnaşykda täzeçil çemeleşmeleri öňe sürýär.

Sebitiň haýwanat we ösümlik dünýäsiniň biodürlüliginiň artdyrylmagyna, ekologiýa ýagdaýynyň gowulandyrylmagyna, kölüň suwunyň arassalanmagyna we netijeli peýdalanylmagyna gönükdirilen ylmy barlaglar arkaly täze önümçilik kuwwatlyklaryny döretmekde bu taslamanyň ähmiýeti uludyr. Bu ugurda ýörite barlaghanany döretmek we onuň yzygiderli işini ýola goýmak çöl hem-de medeni zolakdaky ösümlikleri, miweli baglary ylmy esasda öwrenmek babatda ygtybarly binýady emele getirer.

Şu ýylyň 4-nji aprelinde Özbegistan Respublikasynyň Samarkant şäherinde geçirilen halkara klimat forumyndaky çykyşynda hormatly Prezidentimiz howanyň



üýtgemegi bilen bagly meseleleriň «Merkezi Aziýa – Ýewropa Bileleşigi» formatynyň çäginde hemişe aýratyn orny eýeleýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyz häzirki wagtda esasy wezipäniň hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemekden hem-de olary durmuşa geçirmek üçin üýtgewsiz şertleri döretmekden ybaratdygyna ünsi çekip, Ýewropa Bileleşiginiň howa gün tertibiniň meseleleri babatda geljegi uly hyzmatdaş hasaplanýandygyny nygtady. Esasy halkara konwensiýalara, şertnamalara we ylalaşyklara, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna hem-de Pariž ylalaşygyna bilelikde ygrarlylyk şeýle hyzmatdaşlyga esas bolup durýar.

Ýeri gelende bellesek, Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda hem ekologiýa howpsuzlygy, suw meseleleri, çölleşmä garşy göreşmek, tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak baradaky meseleleriň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň düýp mazmunynda öz aýdyň beýanyny tapýar. Bu resminamada Türkmenistanyň ekologiýa meseleleri boýunça öz esasy çemeleşmelerinde Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmegiň ählumumy, sebit we milli gurallarynyň utgaşdyrylmagynyň we özara biri-biriniň üstüni ýetirmeginiň häzirki döwürde institusional derejede esasy ileri tutulýan ugra öwrülýändiginden ugur alýandygy nygtalýar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda durmuşa geçirilýän ýurdumyzyň ekologiýa diplomatiýasy howanyň üýtgemegine garşy göreşmek, tebigaty aýawly saklamak, suw, ýer we biologik serişdeleri rejeli peýdalanmak, sebitde parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi we özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmeklige hem-de giňeltmeklige özüniň mynasyp goşandyny goşýar.

**Läle BERDIÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň medisina ekologiýasy we gigiýena kafedrasynyň mugallymy.*

# Türkmen-eýran gatnaşyklary barha ösdürilýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 18-nji fewralynda ýola goýuldy. Netijeli ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk ýyllary içinde iki doganlyk döwlet döwletara, hökümetara we pudagara derejelerinde baglaşylan halkara resminamalaryndan ybarat bolan berk şertnama-hukuk binýadyny döretdiler.

Türkmenistan bilen Eýran häzirki zaman ösüşiniň möhüm faktorlary bolan ulag-aragatnaşyk we energetika ulgamlarynyň giňeldilmegine gönükdirilen iri möçberli taslamalary amala aşyrmak bilen, sebit hyzmatdaşlygynyň täze mazmuna eýe bolmagynda mynasyp orun tutýarlar. Mälim bolşy ýaly, «Gündogar – Günbatar» we «Demirgazyk – Günorta» halkara ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmekde hem türkmen-eýran hyzmatdaşlygyna uly orun degişlidir. Wajyp sebit meseleleri boýunça netijeli pikir alyşmalaryň mysalyny Türkmenistan bilen Eýranyň arasyndaky Hazar deňzi babatynda hyzmatdaşlygynda hem görmek bolýar. Biziň ýurtlarymyz gojaman Hazaryň parahatçylyk we dostluk deňzi bolmalydygyny aýratyn ileri tutýarlar we onuň hemmetaraplaýyn ylalaşylan halkara-hukuk durkunyň kesgitlenmegi ugrundaky tagallalara işjeň gatnaşmak bilen hyzmatdaşlygy ösdürýärler.

Ýokary derejede geçirilýän yzygiderli gepleşikler türkmen-eýran döwletara gatnaşyklarynyň dürli derejelerde ygtybarly alnyp barylmagyna itergi berýär. Paýtagt şäherler bolan Aşgabatda we Tähranda geçirilýän ikitaraplaýyn resmi duşuşyklaryň dowamynda Türkmenistan bilen Eýranyň arasyndaky dost-doganlyk hyzmatdaşlygyny ösdürmek, söwda-ykdysady aragatnaşyklaryny has-da giňeltmek, bilelikdäki medeni çäreleri geçirmek barada ylalaşyklara gelinýär.




Iki ýurduň hususy pudagynyň wekilleriniň arasyndaky gatnaşyklary hem pugtalandyrmaga uly ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, Aşgabat şäherinde Eýran Yslam Respublikasynyň ýöriteleşdirilen sergileri guralýar. Şeýle sergileriň ýene-de biri bu gezek eýran topragynda geçirildi. Şu ýylyň 5-7-nji maýy aralygynda goňşy Eýranyň Gürgen şäherinde Türkmenistanyň haryt öndürijileriniň giň gerimli sergisi geçirildi.

Sergä ýurdumyzyň pudaklaýyn edarasynyň 12-si hem-de Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň 50-den gowrak wekili gatnaşyp, ýurdumyzda eksporta gönükdirilen harytlaryň giň möçberi bilen tanyşmaga mümkinçilik döretdi. Bu çärä Türkmenistan bilen Eýranyň arasyndaky söwda we ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrmaga, şeýle hem sebit bazarynda türkmen harytlarynyň barlygyny giňeltmäge gönükdirilendir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysady kuwwaty barha pugtalanýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň eksport mümkinçilikleri hem ýylsaýyn ýokarlanýar. Häzirki wagtda Diýarymyz tebigy gazyň, nebit önümleriniň we elektrik energiýasynyň uly mukdarlaryny daşary ýurtlara ibermek bilen bir hatarda, senagat, azyk, himiýa, oba hojalyk, elektronika ýaly köpugurly önümleri hem daşarky bazarlara eksport edýär. Bu ugurda türkmen işewür düzümleriniň paýy uludyr.

**Jennet MUSAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Dikuçar synagdan geçirildi.** Kanadanyň Bromon şäherindäki howa menzilinde wodorodly ýangyç elementleri bilen işleýän «Robinson R44» dikuçarynyň ilkinji uçarmanly uçuşy



üstünlikli synag edildi. Dikuçaryň sarp edýän energiýasynyň 90 göterimi ýangyç elementlerinden, galan bölegi batareýadan alynýar.

**Ýertudanany ýygnaýan robot.** Osaka uniwersitetiniň inženerleri ýyladyşhananyň



içinde özbaşdak hereket edip, ýertudanalaryň miwelerini ýygnaýan roboty tanyşdyrdylar. Ýurduň häkimiýetleri bu enjam bilen geljekde işçi güýjüniň ýetmezçiliginiň öwezini dolmagy maksat edinýär. Şeýle enjam pudagy durnuklaşdyrmaga kömek eder.

**Dinozawryň galyndysy tapyldy.** Tehas ştatynyň (ABŞ) «Big Bend» milli seýilgähinde



Sul-Ross uniwersitetiniň talyplary ekspedisiýa wagtynda alamozawryň daşa öwrülen oňurgasynyň üstünden bardylar. Titanozawrlar maşgalasyna degişli äpet jandaryň uzynlygy 21 metr, agramy bolsa 30 tonnadan gowrak bolupdyr.

## TARYHDA ŞU GÜN



**1945-nji ýylyň 9-njy maýynda ozalky SSSR-de ilkinji gezek Ýeňiş güni bellenilýär. Şol günden bäri 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş güni dürli ýurtlarda her ýyl bellenip geçilýär.**

# Germaniýanyň täze Kansleri



Germaniýanyň Bundestagynda (parlament) geçirilen ses berişligiň ikinji tapgyrynda Hristian-demokratik bileleşigi we Hristian-sosial bileleşiginiň (HDB/HSB) lideri Fridrih Mers Kansler wezipesine bellendi. Onuň dalaşgärligine 325 deputat ses berdi, 289 deputat bolsa, garşy ses berdi, biri saklandy. Ses berişlikde ýeňiş gazanmak üçin Mers azyndan 316 ses almalydy.

6-njy maýda Hristian-demokratik bileleşigi we Hristian-sosial bileleşiginiň lideri Fridrih Mers ýurduň täze Kansleri hökmünde kasam kabul etdi. Şeýlelikde, Germaniýada hökümet gurmak prosesi tamamlandy, täze Hökümetiň 17 ministri kasam kabul edip, wezipesine girişdiler.

Mersiň ýolbaşçylygyndaky bileleşik fewral aýynyň ahyrynda Bundestaga geçirilen federal saýlawlarda ýeňiş gazandy. Aprel aýynyň başynda HDB/HSB Germaniýanyň Sosial-demokratik partiýasy bilen dolandyryjy koalisiýa döretmek barada ylalaşyk gazandy. Mers 2022-nji ýylyň ýanwar aýynda HDB-niň lideri saýlandy. 2024-nji ýylyň sentýabr aýynda Bundestagdaky HDB/HSB fraksiýasy 2025-nji ýyldaky saýlawlara Mersi Kansler wezipesine dalaşgär hökmünde hödürledi. 69 ýaşly Mers liberal-konserwatiw ugruň tarapdary hasaplanýar.

# Iň uly elektrogämi suwa goýberildi



Awstraliýanyň Hobart şäheriniň portunda öndürijisi tarapyndan dünýäniň iň uly elektrogämisi diýlip atlandyrylýan gämi suwa goýberildi. «Incat» kompaniýasy tarapyndan döredilen «Hull 096» gämisiniň uzynlygy 130 metr. Ol Günorta Amerikanyň «Buquebus» parom operatory tarapyndan işlenip düzüldi. Suw ulagy Argentinanyň paýtagty Buenos-Aýres şäheri bilen Urugwaýyň arasynda La-Plata derýasynda gatnawlary amala aşyrar. Gämi 2 müň 100 ýolagçy orunlyk bolup, ýene-de 225 ulag serişdesini daşap bilýär. Gämi diňe batareýalardan alynýan elektrik energiýasy bilen işleýär. Kuwwaty 40 megawatt/sagatdan gowrak bolan batareýalaryň agramy 250 tonna. Gämi gurluşyk kompaniýasynyň wekilleri bu taslamany amala aşyran ähli işleriniň arasynda iň çylşyrymlysy diýip baha berdi.

Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş boýunça konferensiýasynyň maglumatlaryna görä, dünýäniň gämi gatnawy pudagy her ýylda howa goýberilýän zyýanly gazlaryň 3 göterimini emele getirýär.

# «Zähmet» partiýasynyň ýeňşi



3-nji maýda Awstraliýada geçirilen federal saýlawlarda Premýer-ministr Entoni Albaniziň ýolbaşçylygyndaky merkezi çepçi «Zähmet» partiýasy ynamly ýeňiş gazanyp, ikinji üç ýyllyk möhlete gaýtadan saýlandy. Maglumatlara görä, «Zähmet» partiýasy liberal we milli partiýalaryň konserwatiw bileleşigine garanyňda, 150 orunlyk wekiller palatasyndan has köp orna eýe boldy.

Şeýlelik bilen, Entoni Albaniz 2004-nji ýyldan bäri saýlawlarda yzly-yzyna iki gezek ýeňiş gazanan esasy partiýanyň lideri boldy. Parlamentde ornuny ýitiren konserwatiw liberal partiýa ýolbaşçylyk edýän Piter Datton ýeňlişini boýun aldy.

Şol gün Awstraliýada 7 müňden gowrak saýlaw uçastoklary açyldy. Saýlawçylar Entoni Albaniziň ýolbaşçylygyndaky merkezi çepçi «Zähmet» partiýasynyň ýurdy ikinji möhlete dolandyrjakdygyny ýa-da häkimiýetiň Piter Dattonyň ýolbaşçylygyndaky Liberal we milli partiýalaryň konserwatiw bileleşigine geçjekdigini ýa-da ýokdugyny kesgitlemeli boldular. Saýlawlaryň dowamynda saýlaw sanawynda hasaba alnan 18 ýaşdan uly awstraliýaly raýatlar ses berdiler.

Saýlawlardan soň hökümeti emele getirýän aşaky palatadaky 151 orun, şeýle hem Senatdaky 76 ornuň 40-sy dolduryłar.

# IKINJI TAPGYRY GEÇIRILER




4-nji maýda Rumyniýada geçirilen Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyrynda «Rumynlaryň agzybirligi üçin bileleşigiň» lideri Jorje Simion ýeňiş gazandy. Bu barada ýurduň Merkezi saýlaw topary mälim etdi.

Sesler doly sanalandan soň Simionyň 40,87%, onuň garşydaşy Buharest şäheriniň meri, «Rumyniýany halas ediş bileleşiginiň» başlygy Nikuşor Danyň 20,97% ses alandygy belli boldy. Üçünji orunda «Rumyniýa öňe» partiýasynyň dalaşgäri Krin Antonesku gelip, Dandan bary-ýogy 1% yzda.

Şeýlelik bilen, dalaşgärleriň hiç biri-de sesleriň 50 göterimden gowragyny alyp bilmedi. Şonuň üçin 18-nji maýda saýlawlaryň ikinji tapgyry meýilleşdirilip, onda birinji we ikinji orny eýelän dalaşgärler bäsleşer. Birinji tapgyrda saýlawlara gatnaşyk 53% boldy. Saýlawlara jemi 11 dalaşgär gatnaşdy.

# Giza piramidalary abatlanar

**Müsüriň häkimiýetleri Giza piramidalaryny abatlamak işlerine 51 million dollar bölüp berer. Bu barada Beýik Britaniýanyň «Daily Express» neşiri habar berdi.**



**Abatlaýyş işleri bilen Müsüriň «Orascom Pyramids Entertainment Services» kompaniýasy meşgullanar. Onuň çäklerinde aramgähleri dikeltmek, onlaýn petek ulgamyny ýola goýmak we syýahatçylar üçin sebiti kämilleşdirmek göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda özgerişlikler başlanyp, piramidalaryň çäginden hususy awtoulaglar we syýahatçylyk awtobuslary aýryldy. Indi syýahatçylar Giza sebitine her bäş minutdan gatnaýan elektrobusda barýarlar. Öň açyk duran «Marriott Mena House» myhmanhanasynyň golaýyndan giriş indi ýapyk.**

# ABŞ-nyň BMG-däki hemişelik wekili bolar



ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp milli howpsuzlyk boýunça geňeşçisi Maýk Woltsy ABŞ-nyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky hemişelik wekili wezipesine hödürledi.

«Döwlet sekretary Marko Rubio Döwlet departamentine ýolbaşçylyk etmegini dowam etdirip, milli howpsuzlyk boýunça geňeşçisi wezipesini hem ýerine ýetirer» diýip, ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp jemgyýetçilik torunda ýazdy.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň maglumatlaryna görä, Maýk Wolts we onuň orunbasary Aleks Wong penşenbe güni irden Ak Tamdaky wezipelerini tabşyrdy. M.Woltsuň täze wezipä hödürlenmegi Senat tarapyndan tassyklanmaly.

27-nji martda Donald Tramp respublikaçy Eliz Stefanikiň BMG-däki hemişelik wekili wezipesine hödürlenmegini yzyna aldy. Donald Tramp ABŞ-nyň Prezidenti wezipesine girişeninden soň ABŞ-nyň BMG-niň ýanyndaky hemişelik wekili Linda Tomas-Grinfild 20-nji ýanwarda işinden çekildi.

## OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!

# Nýu-Ýork «uklamaýan şäher»

**Dünýäde 20 müň töweregi ululy-kiçili şäher bolup, her şäher özboluşly aýratynlyklary bilen tanalýar. Mysal üçin, Pariže «aşyklar şäheri» diýilýän bolsa, London gysga wagtlyk ýagyşlary we saýawanlary bilen tanalýar. Meşhurlyk gazanan şeýle şäherleriň arasynda Nýu-Ýork hem bar. ABŞ-nyň iň uly şäherleriniň biri bolan Nýu-Ýork ýagty köçeleri, gijeki ýol hereketleri bilen «uklamaýan şäher» adyny göterýär.**





Günüň haýsy wagtyna garamazdan bu şäherde hereketiň yzy üzülmeýär. Gijäniň ýarynda bu şäheriň köçelerinde ýöräniňde hem özüňi gündizde ýaly duýýarsyň. Seýilgähler, restoranlar, güýmenje meýdançalary, teatrlar we köpçülikleýin ulag serişdeleri gije-gündiziň dowamynda halka hyzmat edýär.

Nýu-Ýork diňe bir ABŞ-da däl, eýsem, tutuş dünýäde tanalýan owadan şäherleriň biridir. 1 müň 223 inedördül kilometr meýdany eýeleýän Nýu-Ýorkda 20 milliona golaý adam ýaşaýar. Sungatyň, modanyň, metbugatyň, tehnologiýanyň we medeniýetiň birleşýän ýeri bolan bu şäherde adamlar gije-gündiz zähmet çekip, gyzgalaňly durmuşy emele getirýär.

Taýms meýdançasy Nýu-Ýorkuň merkezi hasaplanýar. Bu ýere gijäniň ýarynda barsaň hem gyzykly aýdym-saz, tans çykyşlaryny synlamak bolýar. Habarlar, täzelikler bilen tanyşdyrylýan bu meýdançada egin-eşik dükanlary, restoranlar we ofisler bar. Uly LED ekranlarda köpçülige ýetirilýän bildirişler, mahabatlar şäheri has-da janly edip görkezýär.

Nýu-Ýorkda gerekli bolan harajatlaryňy: iýmit, egin-eşik we ş.m. irdenden agşama çenli aralykda almagyň zerurlygy ýok. Sebäbi şäherde 24 sagadyň dowamynda bazarlar, söwda merkezleri, kafeler we hatda kitap dükanlary hem açyk bolýar. Söwda merkezleri gije-gündiziň dowamynda ýaşaýjylaryň we syýahatçylaryň isleglerini kanagatlandyrýar. Esasan hem, Nýu-Ýorkuň Manhetten we Bruklin ýaly etraplarynda gijeki durmuş has-da gaýnap joşýar.

Nýu-Ýorkuň metrolary dünýädäki iň işjeň ýerasty ulag serişdeleriniň biridir. Bu şäher metro ugurlarynyň we beketleriniň gije-gündiz işlemegi bilen beýleki şäherlerden tapawutlanýar.

Brodweý görkezişleri, jaz çykyşlary, açyk asmanyň astyndaky kinoteatrlar we köçe çykyşlary bilen meşhurlyk gazanan Nýu-Ýorkda her gün diýen ýaly dürli festiwallar geçirilýär. Esasan hem, Gün ýaşandan soň başlanýan şowhunly dabaralar «uklamaýan şäheriň» ýaşaýjylarynda we myhmanlarynda ýatdan çykmajak pursatlary döredýär. Şeýle hem şäherde teatrlarda Golliwudyň filmleridir teleseriallary ýygy-ýygydan köpçülige görkezilýär. Nýu-Ýorka her ýyl 50 milliondan gowrak syýahatçy barýar.

# Ruhy saglyga peýdaly

Saz gurallaryndan çykýan ýakymly owaz irki döwürlerden şu güne çenli adamzat taryhynda iň täsirli bejeriş çeşmeleriniň biridir. Saz ruhy saglyk üçin peýdaly bolup, ritmler, heňler we owazlar adama has içgin täsir edýär. Irki döwürlerde adamlar aýdym-sazyň bejeriji güýjüniň bardygyna ynanypdyrlar. Gadymy Müsürde keseliň öňüni almak we ruhy deňagramlylygy saklamak üçin ybadathanalarda sazandalar saklanypdyr. Olaryň çalýan saz gurallaryndan çykýan mukam bilen adamlary bejeripdirler. Gadymy Gresiýada Gippokrat bilen Aristotel sazyň akyl saglygyna edýän täsirini öwrenipdirler. Pifagor tarapyndan döredilen «kosmos sazy» ideýasynda älemdäki ähli zadyň belli bir sazlaşykda we hereketde bolýandygy hem-de şol yrgyldylaryň adamyň ruhuna täsir edýändigi baradaky pikir öňe sürülýär.



Gadymy Hytaýda aýdym-saz diňe bir sungat däl, eýsem, lukmançylyk pudagy hasaplanypdyr. Hindilerde bolsa rahatlanmak we beýniniň işjeňligini güýçlendirmek üçin aýdym-saz meditasiýasy hem-de dem alyş maşklary ulanylýar.

Ýewropada orta asyrlarda aýdym-saza has uly ähmiýet berilýär. Bu döwürde aýdym-saz dini dabaralaryň aýrylmaz bölegi bolup, adamyň ruhuny göterýän gural hökmünde görülýär. XII-XIV asyrlarda Ýewropa ýurtlarynda aýdym-saz sungaty has-da kämilleşdirilip, meşhur kompozitorlar ýüze çykýar hem-de nusgawy sazlaryň ýüzlerçesi döredilýär.

XX asyrda aýdym-saz bejergisine aýratyn üns berlip, kliniki merkezler döredilip başlanýar. Häzirki wagtda köp ýurtda hassahanalarda saz bejergisi aýratyn ugur hökmünde ulanylýar. Hünärmenler dartgynlylyk, nerw bozulmalary, agyry we ruhy çökgünlik ýaly kesellerde aýdym-saz bejergisiniň oňaýly netije berýändigini belleýärler. Saz diňlemek beýnini işjeňleşdirip, bagt gormonlarynyň (dopamin we serotonin) bölünip çykmagyna ýardam edýär.

# Näme üçin pasportlar 4 reňkden ybarat?

**Daşary ýurtlara syýahata gideniňizde pasportlaryň 4 reňkden ybaratdygyna syn eden bolsaňyz gerek. Dünýä ýurtlarynyň hemmesiniň diýen ýaly pasportlarynyň daşlygy ýaşyl, gara, gök we gyzyl reňkden ybarat. Eýsem, pasportlaryň reňki nämäni aňladýar? Näme üçin pasportlar 4 reňkden ybaratka?**




Dünýäde resmi taýdan ykrar edilen 195 ýurt bolsa-da, pasportlaryň diňe dört reňkli görnüşi bar. Pasportyň reňki estetika (owadanlyk) we şahsy isleglere esaslanmaýar. Pasportlaryň tassyklanan reňkleri medeni, dini we syýasy ugurlara esaslanýar.

**Ýaşyl.** Yslam ýurtlarynda ýaşyl mukaddesligiň nyşany hasaplanýar. Şol sebäpli musulman ýurtlarynyň pasportlarynda ýaşyl reňk ulanylýar.

**Gara.** Afrika yklymynyň käbir ýurtlary, Täze Zelandiýa ýaly döwletler pasportlarynda gara reňk ulanýarlar.

**Gyzyl.** Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary köplenç goýy goňur reňke üns berýärler. Baýdaklarynda, binagärlik aýratynlyklarynda we döredijilik eserlerinde hem köplenç gyzyl we goňur reňk ulanýarlar. Bu reňk Ýewropa ýurtlarynyň pasportlaryna hem ornaşypdyr.

**Gök.** Deňiz kenarlarynda ýaşaýan ýurtlar, köplenç gök reňke ýykgyn edýärler. Baýdaklarynda gök, ak çyzyklaryň bolmagy şol ýurduň deňiz kenarynda ýaşaýandygyny, deňiz söwda portlarynyň bardygyny habar berýär. ABŞ we Karib deňziniň kenaryndaky ýurtlar pasportlarynda gök reňk ulanýarlar.

Pasportlar adatça, polikarbonat materiallaryndan öndürilýär we käbir ýurtlarda pasportyň içine elektron çip oturdylýar. Halkara raýat awiasiýasy guramasynyň (ICAO) standartlaryna görä, raýatyň şahsy resminamasy uzak wagtlap ulanmaga ýaramly we çydamly bolmaly. 10 dereje sowuga we 50 dereje yssa çydamly edilip çykarylýan pasportlar himiki serişdelerden uzakda saklanmaly. Pasportdaky ýazgylar latyn elipbiýinde bolmaly we baş harplar bilen ýazylmaly.

# ÇÖLDE GÖRÜNÝÄN ÝAGTYLYK

Çilidäki Atakama çöli dünýäniň iň gurak ýerleriniň biri hasaplanýar. Şeýle bolansoň bu giň meýdanda ýaşaýyş hem ýok diýen ýaly. Bu ýagdaý kosmosy öwrenijiler üçin amatly meýdança bolup, barlag işlerini geçirmek üçin uly mümkinçilik döredýär. Sebäbi sebit gurak bolany üçin asman hem köplenç bulutsyz bolýar. Üstesine-de ýaşaýşyň bolmazlygy emeli yşyklaryň, ýagny çyralaryň hem ýokdugyny aňladýar. Bu bolsa, kosmos jisimlerini görmegi we öwrenmegi aňsatlaşdyrýar.

Golaýda Atakama çölünde demirgazyk yşyklaryna meňzeş ýagtylyk peýda boldy. Bu yşyk ilkibaşda polýuslara ýakyn ýerlerde görünýän ýagtylyga (awrora hem diýilýär) meňzese-de, aslynda düýbünden başga bir tebigy hadysa. Ýewropa Günorta obserwatoriýasyna (ESO) degişli «La Silla» obserwatoriýasynyň kamerasyna düşen hadysa «airglow» diýlip atlandyrylýar. Bu hadysa emeli yşyklaryň bolmadyk ýerlerinde duş gelmek mümkin. Eýsem, «airglow» bilen awroranyň arasynda nähili tapawut bar?



Ýaşyl öwüsýän «airglow» atmosferanyň ýokarky gatlaklarynda emele gelýär. Bu kosmiki hadysada Günden gelýän ultramelewşe şöhleler atmosferadaky atomlara we molekulalara degip, yzygiderli, emma örän öçügsi ýagtylygy döredýär. Awrora bolsa, ionosfera gatlagynda emele gelip, has ýagty we wagtlaýyn peýda bolýar. Awroralar Ýeriň demirgazyk we günorta polýuslarynda görünýär. Demirgazykda görünýäni «aurora borealis», günortada görünýäni «aurora australis» diýlip atlandyrylýar. Bu hadysany göz bilen görüp bolýar. Emma «airglow» bolsa diňe ýokary durulykdaky kameralara düşýär. «Airglow» adatça ýaşyl reňkde bolsa-da, kähalatlarda gyzyl we sary hem öwsüp bilýär.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# «Inter» 7-nji, PSŽ 2-nji gezek finala çykdy

**Dünýäniň iň uly klub ýaryşy hasaplanýan UEFA Çempionlar Ligasynda 33-nji, umumylykda 70-nji möwsümiň finalçylary belli boldy. 31-nji maýda, hepdäniň şenbe güni Germaniýanyň Münhen şäherindäki «Allianz Arenada» oýnaljak we Aşgabat wagty bilen 00:00-da başlanjak finalda «Inter» bilen PSŽ toparlary duşuşar. «Inter» 2 ýyldan soň, PSŽ 5 ýyldan soň nobatdaky gezek finala çykdy. Münhende mundan ozal oýnalan final oýunlarynyň ählisinde-de ýeňiş gazanan klublar ilkinji çempionlyklaryny baýram edipdi. Bu final soňky 21 ýylda ispan, iňlis hem-de nemes kluby bolmadyk ilkinji final duşuşygy bolar.**

### AKYLA SYGMAJAK DUŞUŞYK – 2

UEFA Çempionlar Ligasynda ýene bir ýola ýatdan çykmajak ýarym final duşuşyklaryň biri hasaba alyndy. Jogap oýnundan 6 gün öň Barselonada hem taryhy duşuşyk bolup, toparlar 3–3 hasabynda deňme-deň oýnapdy.

Bir tarapda kubogy soňky gezek alanyna 15, beýleki tarapda-da 10 ýyl bolan iki klub, ýagny «Inter» bilen «Barselona». Jogap duşuşygynyň hem taryhy oýunlaryň biri boljakdygy 1-nji oýundan hem bellidi. Duşuşyk «Barselonanyň» gysyşy bilen başlan hem bolsa hasaby açan «Inter» topary boldy. 21-nji minutda Lautara Martines 1-nji oýnuň gahrymany Denzel Dumfrisiň asistinden soň şu möwsümdäki 9-njy goluny geçirdi. Ol «Interiň» bir möwsümde UÇL-de iň



köp gol geçiren 2 futbolçysynyň biri boldy (beýlekisi Hernan Krespo). Duşuşygyň ahyrlarynda emin VAR-yň duýdurmagy bilen «Interiň» peýdasyna 11 metrlik jerime urgusyny belledi. Ony-da Hakan Çalhanoglu dürs urup, hasaby 2–0-a ýetirdi.



Ýöne 2-nji ýarymda meýdança başga «Barselona» çykdy. Oýnuň jylawyny ele alan katalonlar 6 minutda 2 gol geçirip, hasaby deňledi. Duşuşygyň başyndan bäri Ýamalyň tarapyndan, ýagny sag tarapdan hüjüm amala aşyran «Barselona» bu gezek çepden synanyşdy. 54-nji minutda goragçy Erik Garsiýanyň owadan urgusy bilen aratapawut 1 gola düşdi. Oýnuň 60-njy minutynda bolsa Dani Olmo hasaby deňledi. Şondan soň katalonlar birnäçe howply pursatlary döretselerem, olara derwezeçi Ýann Sommeri geçmek başartmady. Duşuşygyň 87-nji minutynda Rafinýa «Barselonany» bu duşuşykda ilkinji gezek öňe geçirdi. Onuň 1-nji urgusyny derwezeçi sowsa-da, gaýtargysyny şweýsariýaly derwezeçi saklap bilmedi. Duşuşygyň ahyryna polşaly emin Şimon Marçiniak 5 minut goşup, 90+3-nji minutda ýene-de Dumfrisiň asist etmeginde goragçy Françesko Açerbi hasaby deňledi. Bu 37 ýaşyndaky oýunçynyň UEFA-nyň klub ýaryşlaryndaky ilkinji goludyr. Netijede, jogap oýnunda-da 1-nji duşuşygyň hasaby gaýtalandy (3-3). Ýeňijini kesgitlemek üçin goşmaça 30 minut berildi. Duşuşygyň 99-njy minutynda oýna soň goşulan Dawide Frattesiniň goly bilen «Inter» öňe saýlandy. Galan minutlarda-da «Barselona» hasaby deňlejek bolup jan etse-de, bu olara başartmady. Oýnuň 114-nji minutynda Ýamalyň owadan urgusyny ýene-de Sommer saklady. Şunlukda, 13 goluň geçirilen 2 duşuşygyndan soň, «Inter» 7–6 öňe saýlanyp, soňky 3 ýylda 2-nji, umumylykda-da 7-nji gezek finala çykdy (1964, 1965, 1967, 1972, 2010, 2023, 2025).

* «Inter» bilen «Barselonanyň» arasyndaky 2 duşuşykda jemi 13 gol geçirilip, bu ugurda rekord gaýtalandy. Mundan öň 2 gezek – 2008/09 möwsüminde 1/8 finalda «Bawariýa» bilen «Sportingiň» (5–0, 7–1) arasyndaky oýunlarda hem-de 2017/18 möwsüminde ýarym finalda «Liwerpul» bilen «Romanyň» (5-2, 2-4) arasyndaky duşuşyklarda 13 gol hasaba alnypdy.

* Dumfris ýarym finalyň 2 duşuşygynda 2 gol geçirip, 3 asist etdi. Ol ýarym final oýunlarynda 2 gol we 2 asist eden 4-nji futbolçy bolup, ondan öň Alessandro Del Piero (1998) hem-de «Liwerpulyň» ýyldyzlary Mohamed Salah bilen Roberto Firmino (2018) şeýle statistika görkezipdi.

* Rafinýa şu möwsümde 13 oýunda 13 gol geçirdi. Onuň 8 asisti hem bolup, ol gola gönümel goşant etmekde Kristiano Ronaldonyň 2014/15 möwsüminde goýan rekordyny gaýtalady (17 gol, 4 asist).

* Duşuşykda 7 sany howply pursatda derwezesini goldan goran «Interiň» derwezeçisi Ýann Sommer oýnuň gahrymany saýlandy. Ol 1-nji duşuşykda-da 7 seýw bilen çykyş edipdi.

### PARIŽLILER 5 ÝYLDAN SOŇ FINALDA

Geçen hepdäniň sişenbe güni Londondan ýeňiş bilen dolanan «Pari Sen-Žermen» topary üçin



öz meýdançasyndaky duşuşygyň ýeňil geçmejekdigi bellidi. Duşuşyk «Arsenalyň» yzygiderli hüjümleri bilen başlandy. Ýöne parižlileriň italýan derwezeçisi Janluiji Donnarummany geçmek iňlis klubunyň oýunçylaryna başartmady. Aýratynam Martinelliniň, Edegoryň urgularynda italiýaly derwezeçi öz ussatlygyny görkezdi. Duşuşygyň 17-nji minutynda garşylyklaýyn hüjümde ýer eýelerinden Hwiça Kwarasheliýanyň urgusy sütünden yzyna gaýtdy. Kem-kemden oýna şärik bolup başlan PSŽ 27-nji minutda Fabian Ruiziň ajaýyp goly bilen öňe saýlandy. Duşuşygyň 1-nji ýarymy şol hasap bilen tamamlandy. 2-nji ýarymda, oýnuň 64-nji minutynda Bukaýo Sakanyň owadan urgusyny Donnarumma kynlyk bilen sowdy. Bu pursatdan 5 minut soň germaniýaly emin Feliks Zwaýer VAR-yň duýduryşy bilen PSŽ-niň peýdasyna 11 metrlik jerime urgusyny belledi. Ýöne Witinýanyň gowşak ýerine ýetiren urgusyny derwezeçi Dawid Raýýa saklamagy başardy. Emma parižliler barybir 2-nji goly geçirmegiň hötdesinden geldi. Toparyna 11 metrlik jerime urgusyny gazandyran sag gyraky goragçy



Aşraf Hakimi 72-nji minutda tapawutlanyp, hasaby 2-0-a ýetirdi. Bu goldan 4 minut soň Bukaýo Saka aratapawudy 1 gola düşürip, londonlylary az-owlak umytlandyrsa-da, galan minutlarda hasap üýtgemedi. Şunlukda, bu oýunda 2-1, umumy hasapda-da 3-1 öňe saýlanan PSŽ taryhynda 2-nji gezek Çempionlar Ligasynyň finalyna çykdy. Parižliler ilkinji finalynda 2020-nji ýylda «Bawariýadan» 1-0 hasabynda asgyn gelipdi. PSŽ bu ýaryşda 2 gezek finala çykan 3-nji fransuz kluby hökmünde hasaba alyndy.



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*9-njy maý (anna)*

Istanbul BŞ – Fenerbahçe (22:00)
Milan – Bolonýa (23:45)

*10-njy maý (şenbe)*

Southempton – Man. Siti (19:00)
D. Mahaçkala – Zenit (19:00)
**Trabzonspor – Galatasaraý (21:00)**
**Lasio – Ýuwentus (21:00)**
**SSKA – Krasnodar (21:30)**
Bawariýa – Borussiýa M (21:30)
**Benfika – Sporting (22:00)**
Atletiko – Real Sosiedad (00:00)
Monako – Lion (00:00)

*11-nji maý (ýekşenbe)*

Nýukasl – Çelsi (16:00)
Feýenoord – PSW (17:30)
Baýer – Borussiýa D (18:30)
**Barselona – Real Madrid (19:15)**
Aýaks – NEK Neýmegen (19:45)
Torino – Inter (21:00)
Dinamo – Spartak (21:30)
**Liwerpul – Arsenal (20:30)**
Napoli – Jenoa (23:45)

*12-nji maý (duşenbe)*

**Atalanta – Roma (23:45)**

*14-nji maý (çarşenbe)*

**Bolonýa – Milan (final, 00:00)**
Real Madrid – Malýorka (00:30)

*15-nji maý (penşenbe)*

Espanýol – Barselona (00:30)

## AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynyň täze çempiony – «Al-Ahli»

**AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda çempion belli boldy. Çärýekdir ýarym final oýunlarynyň hem-de final duşuşygynyň Saud Arabystanynyň Jidda şäherinde geçirilen ýaryşynda ýer eýesi «Al-Ahli» topary çempionlyk gazandy.**

«Al-Ahli» topary finalda Ýaponiýanyň «Kawasaki Frontal» toparyndan 2–0 hasabynda üstün çykdy. «Al-Ahli» toparyna çempionlyk getiren gollary 1-nji ýarymda, has takygy, 35-nji minutda Galeno bilen 42-nji minutda Frank Kessi geçirdi. 2 goluň asistini-de braziliýaly hüjümçi Roberto Firmino etdi. Şunlukda, «Al-Ahli» topary taryhynda ilkinji gezek AFK-nyň klub ýaryşlaryndaky iň uly kubogy gazanmagy başardy. Jidda şäheriniň wekili mundan öň 1985/86 möwsüminde hem-de 2012-nji ýyllarda finalda ýeňlipdi. «Al-Ahli» şol 2 finalda-da koreý klublary — «Daewu Roýals» hem-de «Ulsan Hýundai» toparlaryndan asgyn gelipdi. «Al-Ahli» bu kubogy gazanan 25-nji klub boldy. Şol sanda Saud Arabystanynyň 3-nji topary hökmünde hasaba alyndy. «Al-Ahli» bu kubogy ýeňlişsiz gazanan 5-nji topar boldy. Roberto Firmino, Riýad Mahrez hem-de Eduar Mendi UEFA Çempionlar Ligasyndan soň, Aziýada-da



Çempionlar Ligasynyň kubogyny gazanan ilkinji futbolçy hökmünde taryha girdi. Çempion toparyň braziliýaly ýyldyzy 9 gol geçirip, 10 asist eden Roberto Firmino ýaryşyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy.

«Kawasaki Frontal» toparyna bolsa ilkinji gezekki finalynda kuboga ýetmek başartmady.

## «Bawariýanyň» 34-nji çempionlygy we Keýniň ilkinji kubogy

Germaniýanyň çempionatynda möwsümiň tamamlanmagyna 2 tapgyr galanda çempion belli boldy. 32-nji tapgyryň çäginde «Bawariýa» myhmançylykda «Leipsig» bilen duşuşyp, 6 goluň geçirilen oýny 3-3 hasabynda deňlikde tamamlandy. Bu oýunda «Bawariýa» çempionlyk üçin ýeňiş ýeterlikdi. Ýöne ýer eýeleri 1-nji ýarymda Şeşko hem-de Klostermannyň gollary bilen 2-0 öňe saýlandy. 2-nji ýarymda özüni dürsän münhenliler Daýer, Olise hem-de Saneniň gollary esasynda 3-2 öňe geçdi. Emma duşuşygyň 90+5-nji minutynda Ýussif Poulsen hasaby deňläp, «Bawariýanyň» çempionlygynyň ertirki güne galmagyna sebäp boldy. Ertesi güni 2-nji ýerdäki «Baýer» myhmançylykda «Fraýburg» bilen duşuşdy. Duşuşykda «Baýer» 3 utuk gazanyp bilmese, «Bawariýa» çempion diýmekdi. Bu şeýle-de boldy. Ýer eýeleri Eggeştaýn (44) hem-de Inkapieniň (49 ö.d.) gollary bilen 2-0 öňe geçdi. Ýöne kembekleriň hökümdary hasaplanýan «Baýer» hasaby deňlese-de, olara ýeňiş gazanmak nesip etmedi. Soňky 10 minutda Wirts (82) hem-de Tanyň (90+3) gollary esasynda hasaby



deňlän «Baýer» topary 1 utuk bilen kanagatlanmaly boldy. Şunlukda, «Bawariýa» 1 möwsümlik arakesmeden soň, «Bundesligadaky» 33-nji, Germaniýanyň çempionatyndaky 34-nji çempionlygyny baýram etdi. «Bawariýa» soňky 13 möwsümde 12-nji gezek çempion boldy. Toparyň angliýaly meşhur hüjümçisi Harri Keýn, şol sanda onuň watandaşy Erik Daýer karýeralaryndaky ilkinji kubogyny gazandy. Toparyň germaniýaly ýyldyzy Tomas Müller bolsa 13-nji gezek «Bundesliganyň» çempiony boldy. Ol uelsli Raýan Giggzden soň bir klubda iň köp çempionlyk gazanan 2-nji futbolçy hökmünde hasaba alyndy. Wensan Kompani «Bundesligada» ilkinji möwsüminde çempionlyk gazanan 9-njy tälimçi boldy.

Çempionatda soňky tapgyrlarda yzygiderli ýeňişler gazanýan Dortmundyň «Borussiýasy» Girassi hem-de Adeýeminiň hersiniň 2 gol geçiren duşuşygynda öz meýdançasynda «Wolfsburgy» 4–0 hasabynda ýeňip, 5-nji orna beýgeldi. Bu tapgyrda 9 oýnuň 6-sy deňlikde tamamlanyp, 0–0, 1–1, 2–2 (2 oýunda), 3–3, 4–4 hasaplar bellige alyndy.

## «Traktor» toparynyň ilkinji birinjiligi

Eýranyň çempionaty «Lig-e Bartar-e Xalij-e Fars»-da möwsümiň tamamlanmagyna 2 tapgyr galanda çempion belli boldy. Sanawyň lideri «Traktor» topary myhmançylykda «Şams Azar» toparyndan Domagoý Droždegiň (2, 30), Amirhossein Hosseinzadehiň (9) hem-de Rikardo Alweşiň (84 p) gollary bilen 4–0 hasabynda üstün çykdy. 2-nji ýerdäki «Sepahan» topary bolsa öz meýdançasynda «Gol Gohardan» 2–1 ýeňildi. Bu netijelerden soň «Traktor» bilen «Sepahan» toparlarynyň arasyndaky utuk aratapawudy 8-e çykdy. Şeýlelikde, 28 oýunda 64 utuk toplan horwatiýaly Dragon Skoçiçiň tälimçiligindäki «Traktor» taryhynda ilkinji gezek çempion bolmagy başardy. Töwriz şäheriniň wekili mundan öň çempionatda 3 gezek çempionlyga golaýlap, 2-nji orny eýeläpdi (2012, 2013, 2015).





Eýranyň çempionaty 1970-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýär. Şondan bäri dürli atlar bilen dürli formatlarda guralan çempionat 2001-nji ýylda häzirki adyny alýar. Çempionatda iň köp çempion bolan topar «Persepolis» toparydyr. Paýtagt Tähranyň wekili bolan bu klubuň 16 çempionlygy bar. 2-nji ýerde Tähranyň başga bir kluby «Esteglal» bolup, olar 9 gezek çempionlyk gazandy. «Pas Tehran» toparynyň hem-de Ysphyan şäheriniň «Sepahan» toparynyň 5, Tähranyň «Saipa» toparynyň 3, Ahwaz şäheriniň «Fulad» klubunyň 2, ýene-de şol şäheriň topary «Esteglal Huzestanyň» 1 çempionlygy bar. «Traktor» kluby Eýranda çempionlyk gazanan 8-nji topardyr.

1970-nji ýylda esaslandyrylan «Traktor» toparyna 2022-nji ýylyň iýun-noýabr aýlarynda ildeşimiz Gurban Berdiýew hem tälim beripdi.

## 1-nji duşuşyklaryň netijeleri

UEFA Ýewropa Ligasynda ýarym finalyň 1-nji duşuşyklarynda iňlis klublary ýeňşini baýram etdi. «Mançester Ýunaýted» final duşuşygynyň oýnaljak stadionynda, ýagny Bilbaoda ýerli «Atletik» bilen duşuşyp, garşydaşyny 3-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Mançester Ýunaýtede» ýeňiş getiren gollary Kazemiro (30) bilen Bruno Fernandeş (36 p, 45) geçirdi. Oýnuň 36-njy minutynda ispan klubundan Dani Wiwiana gyzyl kart alyp, toparyny 1 oýunçy kem galdyrdy.

Londonda ýerli «Tottenham» topary bilen Ýewropa Ligasynda ýarym finala çykan 107-nji klub bolan «Bude-Glimt» (Norwegiýa) duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Tottenham» 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykda iňlis klubunyň gollaryny, eýýäm 39-njy sekuntda, ýagny 1-nji minutda Brennan Jonson, 34-nji minutda Jeýms Meddison hem-de 63-nji minutda (p) Dominik Solanke geçirdi. Myhmanlaryň ýeke-täk pökgüsini bolsa duşuşygyň 83-nji minutynda Ulrik Saltnes öz adyna ýazdyrdy.

UEFA Konferensiýa Ligasynda ýarym finalyň 1-nji duşuşyklarynda, Şwesiýada «Ýurgorden» topary bilen duşuşan «Çelsi» topary garşydaşyny 4–1 hasabynda ýeňdi. Londonlylara ýeňiş getiren gollary Sanço (13), Madueke (43) hem-de Jekson



(59, 65) geçirdi. Ýer eýeleriniň ýeke-täk pökgüsini-de 68-nji minutda Alemaýehu öz adyna ýazdyrdy.

Ýarym finalyň beýleki oýnunda «Betis» soňky 2 ýylyň finalçysy «Fiorentinadan» öz meýdançasynda 2–1 hasabynda üstün çykdy. Ezzalzuliniň 6-njy hem-de Antoniniň 64-nji minutlarda geçiren gollaryna italýan kluby Ranieriniň 73-nji minutdaky goly bilen jogap berdi.

### PREMIER LEAGUE (35) — 28 gol

**Man. Siti—Wulwerhempton: 1–0** (De Bruýne 35), **Aston Willa—Fulham: 1–0** (Tilemans 12), **Ewerton—Ipswiç: 2–2** (Beto 26, MakNil 35 — Enkiso 41, Hörst 79), **Lester—Southempton: 2–0** (Wardi 17, Aýew 44), **Arsenal—Bornmut: 1–2** (Raýs 34 — Hýoýsen 67, Ewanilson 75), **Brentford—M. Ýunaýted: 4–3** (Şow 27 ö.d., Şade 33, 70, Wissa 74 — Maunt 14, Garnaço 82, Diallo 90+5), **West Ham—Tottenham: 1–1** (Bowen 28 — Odober 15), **Braýton—Nýukasl: 1–1** (Minteh 28 — Isak 89 p), **Çelsi—Liwerpul: 3–1** (Fernandes 3, Kuansa 56 ö.d., Palmer 90+6 p — Wan Deýk 85), **K. Palas—N. Forest: 1–1** (Eze 50 p — Murilio 64)

### LA LIGA (34) — 27 gol

**R. Wallekano—Hetafe: 1–0** (Ležen 7), **Alawes—Atletiko: 0–0, Wilýarreal—Osasuna: 4–2** (Aýose Peres 2, 39, Barri 33, Pepe 71 — Ruben Garsiýa 66, Oros 80 p), **Las Palmas—Walensiýa: 2–3** (Ramires 45+2 p, MakBerni 83 — Duro 22, 58, Suares 75 ö.d.), **Walýadolid—Barselona: 1–2** (Iwan Sançes 6 — Rafinýa 54, Fermin Lopes 60), **Real Madrid—Selta: 3–2** (Güler 33, Mbappe 39, 48 – Rodriges 69, Swedberg 76), **Sewilýa—Leganes: 2–2** (Salas 21, Romero 70 — Munir 7, Hernandes 73), **Espanýol—Betis: 1–2** (Fernandes 28 — Lo Çelso 85, Antoni 90+1), **R. Sosiedad—Atletik: 0–0, Žirona—Malýorka: 1–0** (Stuani 10)

### SERIE A (35) — 19 gol

**Torino—Wenesiýa: 1–1** (Wlaşiç 75 p — Kike Peres 36), **Kaliari—Udineze: 1–2** (Dzortea 35 — Sarraga 27, Kristensen 67), **Parma—Komo: 0–1** (Strefessa 79), **Leççe—Napoli: 0–1** (Raspadori 24), **Inter—Werona: 1–0** (Aslani 9 p), **Empoli— Lasio: 0–1** (Dia 1), **Monza—Atalanta: 0–4** (De Ketelare 12, 23, Lukman 47, Breşianini 88), **Roma—Fiorentina: 1–0** (Dowbyk 45+5), **Bolonýa—Ýuwentus: 1–1** (Froýler 54 — Turam 9), **Jenoa—Milan: 1–2** (Witinýa 61 — Leao 76, Frendrup 77 ö.d.)

### BUNDESLIGA (32) — 33 gol

**Hoffenhaým—Bohum: 0–0, Leipsig—Bawariýa: 3–3** (Şeşko 11, Klostermann 39, Poulsen 90+5 — Daýer 62, Olise 63, Sane 83), **Borussiýa M—Hoffenhaým: 4–4** (Kiarodia 5, Raýts 32, Onora 64, Klýaýndinst 90+1 — Çawes 43, Bülter 54, Gložek 74, Tabakowiç 82), **Union Berlin—Werder: 2–2** (Rote 38, Beneş 84 – Stage 2, 15), **Sankt-Pauli—Ştutgart: 0–1** (Woltemade 88), **Borussiýa D—Wolfsburg: 4–0** (Girassi 3, 59, Adeýemi 69, 73), **Augsburg—Holştaýn: 1–3** (Munie 90 — Matino 25 p, Bernhardsson 40, 51), **Fraýburg—Baýer: 2–2** (Eggeştaýn 44, Inkapie 49 ö.d. — Wirts 82, Ta 90+3), **Maýns—Aýntraht: 1–1** (Burkardt 57 — Kristensen 16)

### PREMÝER LIGA (27) — 17 gol

**Akron—Dinamo-Mahaçkala: 1–0** (Dzýuba 74), **Lokomotiw—Orenburg: 1–1** (Pinýaýew 57 — Tataýew 66), **Krasnodar—Rubin: 2–1** (Spersýan 5 p, Tormena 40 — Rožkow 83), **Fakel—Spartak: 0–0, Ahmat—SSKA: 1–1** (Samorodow 33 — Koýta 9), **Himki—Rostow: 1–1** (Wera 70 — Osipenko 89), **Zenit—Pari NN: 2–1** (Sobolew 54, 83 — Grulew 14), **Krylýa Sowetow—Dinamo: 1–3** (Skopinsew 31 ö.d. — Ngamelýo 2, Gladyşew 55, 82)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL (Ç) | 35 | 25 | 7 | 3 | 81-35 | 82 |
| 2 | ARSENAL | 35 | 18 | 13 | 4 | 64-31 | 67 |
| 3 | MAN. SITI | 35 | 19 | 7 | 9 | 67-43 | 64 |
| 4 | NÝUKASL | 35 | 19 | 6 | 10 | 66-45 | 63 |
| 5 | ÇELSI | 35 | 18 | 9 | 8 | 62-41 | 63 |
| 6 | N. FOREST | 35 | 18 | 7 | 10 | 54-42 | 61 |
| 7 | ASTON WILLA | 35 | 17 | 9 | 9 | 55-49 | 60 |
| 8 | BORNMUT | 35 | 14 | 11 | 10 | 55-42 | 53 |
| 9 | BRENTFORD | 35 | 15 | 7 | 13 | 62-53 | 52 |
| 10 | BRAÝTON | 35 | 13 | 13 | 9 | 57-56 | 52 |
| 11 | FULHAM | 35 | 14 | 9 | 12 | 50-47 | 51 |
| 12 | KRISTAL PALAS | 35 | 11 | 13 | 11 | 44-48 | 46 |
| 13 | W. HEMPTON | 35 | 12 | 5 | 18 | 51-62 | 41 |
| 14 | EWERTON | 35 | 8 | 15 | 12 | 36-43 | 39 |
| 15 | M. ÝUNAÝTED | 35 | 10 | 9 | 16 | 42-51 | 39 |
| 16 | TOTTENHAM | 35 | 11 | 5 | 19 | 63-57 | 38 |
| 17 | WEST HAM | 35 | 9 | 10 | 16 | 40-59 | 37 |
| 18 | IPSWIÇ TAWN | 35 | 4 | 10 | 21 | 35-76 | 22 |
| 19 | LESTER SITI | 35 | 5 | 6 | 24 | 29-76 | 21 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 35 | 2 | 5 | 28 | 25-82 | 11 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 34 | 25 | 4 | 5 | 91-33 | 79 |
| 2 | REAL MADRID | 34 | 23 | 6 | 5 | 69-33 | 75 |
| 3 | ATLETIKO M | 34 | 19 | 10 | 5 | 56-27 | 67 |
| 4 | ATLETIK B | 34 | 16 | 13 | 5 | 50-26 | 61 |
| 5 | WILÝARREAL | 34 | 16 | 10 | 8 | 60-47 | 58 |
| 6 | BETIS | 34 | 16 | 9 | 9 | 52-42 | 57 |
| 7 | SELTA | 34 | 13 | 7 | 14 | 52-52 | 46 |
| 8 | R. WALLEKANO | 34 | 11 | 11 | 12 | 36-42 | 44 |
| 9 | OSASUNA | 34 | 10 | 14 | 10 | 42-50 | 44 |
| 10 | MALÝORKA | 34 | 12 | 8 | 14 | 31-39 | 44 |
| 11 | R. SOSIEDAD | 34 | 12 | 7 | 15 | 32-37 | 43 |
| 12 | WALENSIÝA | 34 | 10 | 12 | 12 | 40-51 | 42 |
| 13 | HETAFE | 34 | 10 | 9 | 15 | 31-31 | 39 |
| 14 | ESPANÝOL | 34 | 10 | 9 | 15 | 36-44 | 39 |
| 15 | ŽIRONA | 34 | 10 | 8 | 16 | 41-52 | 38 |
| 16 | SEWILÝA | 34 | 9 | 11 | 14 | 37-46 | 38 |
| 17 | ALAWES | 34 | 8 | 11 | 15 | 35-46 | 35 |
| 18 | LAS PALMAS | 34 | 8 | 8 | 18 | 40-56 | 32 |
| 19 | LEGANES | 34 | 6 | 13 | 15 | 32-51 | 31 |
| 20 | WALÝADOLID | 34 | 4 | 4 | 26 | 25-83 | 16 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 35 | 23 | 8 | 4 | 55-25 | 77 |
| 2 | INTER | 35 | 22 | 8 | 5 | 73-33 | 74 |
| 3 | ATALANTA | 35 | 20 | 8 | 7 | 71-31 | 68 |
| 4 | ÝUWENTUS | 35 | 16 | 15 | 4 | 52-32 | 63 |
| 5 | ROMA | 35 | 18 | 9 | 8 | 50-32 | 63 |
| 6 | LASIO | 35 | 18 | 9 | 8 | 58-45 | 63 |
| 7 | BOLONÝA | 35 | 16 | 14 | 5 | 53-38 | 62 |
| 8 | FIORENTINA | 35 | 17 | 8 | 10 | 53-35 | 59 |
| 9 | MILAN | 35 | 16 | 9 | 10 | 55-39 | 57 |
| 10 | KOMO | 35 | 12 | 9 | 14 | 45-48 | 45 |
| 11 | TORINO | 35 | 10 | 14 | 11 | 39-40 | 44 |
| 12 | UDINEZE | 35 | 12 | 8 | 15 | 38-49 | 44 |
| 13 | JENOA | 35 | 9 | 12 | 14 | 30-43 | 39 |
| 14 | KALIARI | 35 | 8 | 9 | 18 | 36-51 | 33 |
| 15 | WERONA | 35 | 9 | 5 | 21 | 30-63 | 32 |
| 16 | PARMA | 35 | 6 | 14 | 15 | 40-54 | 32 |
| 17 | LEÇÇE | 35 | 6 | 9 | 20 | 24-57 | 27 |
| 18 | WENESIÝA | 35 | 4 | 14 | 17 | 28-49 | 26 |
| 19 | EMPOLI | 35 | 4 | 13 | 18 | 27-55 | 25 |
| 20 | MONZA | 35 | 2 | 9 | 24 | 25-63 | 15 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA (Ç) | 32 | 23 | 7 | 2 | 93-32 | 76 |
| 2 | BAÝER | 32 | 19 | 11 | 2 | 68-37 | 68 |
| 3 | AÝNTRAHT | 32 | 16 | 8 | 8 | 63-43 | 56 |
| 4 | FRAÝBURG | 32 | 15 | 7 | 10 | 46-49 | 52 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 32 | 15 | 6 | 11 | 64-49 | 51 |
| 6 | LEIPSIG | 32 | 13 | 11 | 8 | 51-45 | 50 |
| 7 | MAÝNS | 32 | 13 | 9 | 10 | 49-40 | 48 |
| 8 | WERDER | 32 | 13 | 8 | 11 | 50-56 | 47 |
| 9 | BORUSSIÝA M | 32 | 13 | 6 | 13 | 55-54 | 45 |
| 10 | ŞTUTGART | 32 | 12 | 8 | 12 | 57-51 | 44 |
| 11 | AUGSBURG | 32 | 11 | 10 | 11 | 34-45 | 43 |
| 12 | WOLFSBURG | 32 | 10 | 9 | 13 | 53-52 | 39 |
| 13 | UNION BERLIN | 32 | 9 | 10 | 13 | 33-47 | 37 |
| 14 | SANKT-PAULI | 32 | 8 | 7 | 17 | 26-37 | 31 |
| 15 | HOFFENHAÝM | 32 | 7 | 10 | 15 | 44-62 | 31 |
| 16 | HAÝDENHAÝM | 32 | 7 | 5 | 20 | 33-60 | 26 |
| 17 | HOLŞTAÝN | 32 | 6 | 7 | 19 | 48-75 | 25 |
| 18 | BOHUM | 32 | 5 | 7 | 20 | 30-63 | 22 |

**RUSSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMÝER LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | KRASNODAR | 27 | 18 | 7 | 2 | 54-21 | 61 |
| 2 | ZENIT | 27 | 17 | 6 | 4 | 53-18 | 57 |
| 3 | SSKA | 27 | 15 | 7 | 5 | 42-19 | 52 |
| 4 | SPARTAK | 27 | 15 | 6 | 6 | 49-23 | 51 |
| 5 | DINAMO | 27 | 14 | 8 | 5 | 57-31 | 50 |
| 6 | LOKOMOTIW | 27 | 13 | 7 | 7 | 44-38 | 46 |
| 7 | RUBIN | 27 | 11 | 6 | 10 | 35-40 | 39 |
| 8 | ROSTOW | 27 | 10 | 8 | 9 | 40-40 | 38 |
| 9 | AKRON | 27 | 9 | 5 | 13 | 34-47 | 32 |
| 10 | K. SOWETOW | 27 | 8 | 6 | 13 | 33-43 | 30 |
| 11 | D. MAHAÇKALA | 27 | 6 | 9 | 12 | 25-32 | 27 |
| 12 | HIMKI | 27 | 5 | 10 | 12 | 31-48 | 25 |
| 13 | AHMAT | 27 | 4 | 12 | 11 | 24-41 | 24 |
| 14 | PARI NN | 27 | 6 | 5 | 16 | 21-49 | 23 |
| 15 | ORENBURG | 27 | 4 | 6 | 17 | 24-49 | 18 |
| 16 | FAKEL | 27 | 2 | 10 | 15 | 12--39 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Premier League)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 28 |
| 2 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 23 |
| 3 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 21 |
| 4 | Kris WUD (Nottingam Forest) | 19 |
| 5 | Brian MBEMO (Brentford) | 18 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (La Liga)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 25 |
| 2 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 24 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 18 |
| 4 | Aýose PERES (Wilýarreal) | 16 |
| 5 | RAFINÝA (Barselona) | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Serie A)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 24 |
| 2 | Moýze KEN (Fiorentina) | 17 |
| 3 | Markus TURAM (Inter) | 14 |
| 4 | Ademola LUKMAN (Atalanta) | 14 |
| 5 | Lautara MARTINES (Inter) | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Bundesliga)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 24 |
| 2 | Seru GIRASSI (Borussiýa D) | 20 |
| 3 | Patrik ŞIK (Baýer) | 19 |
| 4 | Tim KLÝAÝNDINST (Borussiýa M) | 16 |
| 5 | Jonatan BURKARDT (Maýns) | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:** (Premýer Liga)

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Manfred UGALDE (Spartak) | 16 |
| 2 | Alekseý BATRAKOW (Lokomotiw) | 13 |
| 3 | Esekiel BARKO (Spartak) | 12 |
| 4 | Mirlind DAKU (Rubin) | 11 |
| 5 | Jon KORDOBA (Krasnodar) | 10 |

## «El Klasikodan» öň 4 utuklyk aratapawut saklanyp galdy

**Angliýanyň çempionatynda** 2-3-4-5-nji ýerler üçin ýiti göreş dowam edip, «Çelsi» çempionlygyny yglan eden «Liwerpuldan» 3–1 hasabynda üstün çykdy. «Arsenal» öz meýdançasynda Raýsyň goly bilen öňe saýlanandygyna garamazdan, «Bornmutdan» 2–1 hasabynda ýeňildi. «Mançester Siti» topary «Wulwerhemptony» De Bruýneniň ýeke-täk goly bilen ýeňlişe sezewar etdi. 7 goluň geçirilen oýnunda «Mançester Ýunaýted» myhmançylykda «Brentforddan» 4–3 hasabynda asgyn geldi.

**Ispaniýanyň çempionatynda** çempionlyk ugrunda göreş alyp barýan 2 topar – hem «Barselona», hem-de «Real Madrid» 34-nji tapgyrda kynlyk bilen ýeňiş gazandy. Iň aşaky orundaky «Walýadolid» bilen duşuşan «Barselona» 2-nji ýarymda ýeňiş gazanmagy başardy. Iwan Sançesiň 6-njy minutda geçiren goluna katalonlar Rafinýa (54) hem-de Fermin Lopesiň (60) gollary bilen jogap berdi. «Real Madrid» bolsa öz meýdançasynda «Seltany» kabul edip, Arda Güler (33) hem-de Mbappeniň (39, 48) gollary bilen ilkinji 50 minutda 3–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne Raul Asensiony oýundan çykaran Karlo Ançelotti duşuşygyň soňky pursatlaryny kynlyk bilen geçirdi. «Selta» topary Rodriges (69) hem-de Swedbergiň (76) gollary bilen aratapawudy 1 gola düşürdi. Netijede, 3-2 hasabynda ýeňiş gazanan «Real Madrid» «El Klasikodan» öň 4 utuklyk aratapawudy saklamagy başardy. 35-



nji tapgyryň iň esasy duşuşygy 11-nji maýda oýnalyp, «Barselona» öz meýdançasynda «Real Madridi» kabul eder. Duşuşyk 19:15-de başlanar.

**Italiýanyň çempionatynda** 3 utuk aratapawudy bilen 1-2-nji orunlarda barýan «Napoli» hem-de «Inter» tapgyry iň kiçi hasaply ýeňişler bilen tamamladylar. «Napoli» myhmançylykda «Leççeni» Raspadoriniň, «Inter» öz meýdançasynda Aslaniniň goly bilen ýeňiş gazandy. «Atalanta» myhmançylykda «Monzany» köp wagtdan bäri tapawutlanyp bilmän gelýän De Ketelareniň (2), Lukmanyň hem-de Breşianininiň gollary bilen 4–0 hasabynda utdy. Bu ýeňlişden soň «Monzanyň» «Serie A»-daky başdan geçirmesi tamamlanar. Klub 3 ýyldan soň 2-nji liga dolanar. «Bolonýa» bilen «Ýuwentusyň» arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolman, «Roma» «Fiorentinany» Dowbygyň 45+5-nji minutda, «Lasio» myhmançylykda «Empolini» Dianyň 1-nji minutda geçiren goly bilen ýeňdi.

**Russiýanyň çempionatynda** «Krasnodar» öz meýdançasynda «Rubini» Spersýan hem-de Tormenanyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňip, aratapawudy saklamagy başardy. 4 utuk yzda barýan «Zenit» Sankt-Peterburgda «Pari NN» toparyny kabul edip, garşydaşynyň öňe saýlanandygyna garamazdan, Sobolewiň gollary esasynda ýeňiş gazandy. «Ahmat» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnan SSKA topary çempionlykdan azda-kände daşlaşdy. SSKA nobatdaky tapgyrda sanawyň lideri «Krasnodary» kabul eder. «Zenit» bolsa Mahaçkalada ýerli «Dinamo» toparynyň myhmany bolar.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# 9 MAÝ BEÝIK ÝEŇŞIŇ ŞANLY 80 ÝYLLYGY GUTLY BOLSUN!


«TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ
«TÜRKMENTURBA» ZAWODY

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we güneşli Türkmenistanyň ähli halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş güni mynasybetli mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Urşuň ýeňiş bilen tamamlanmagynyň 80 ýyllygynyň uly dabara bilen bellenilýän häzirki günlerinde urşa gatnaşan adamlara belent sarpa goýulýar. Häzirki döwürde biz şol gahrymanlarymyzyň bitiren beýik işlerini, görkezen gahrymançylygyny ýatlaýarys, olaryň sarpasyny belent tutýarys.

Beýik Ýeňşiň şanly 80 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

«Garagum Ulag» H. J.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 80 ýyllygy mynasybetli Sizi we ähli halkymyzy tüýs ýürekden gutlaýarys!

Ýurdumyzda uruş weteranlaryna, urşa gatnaşyjylaryň ýanýoldaşlaryna we tylda zähmet çekenlere gymmat bahaly sowgatlar gowşurylýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglygyny, ýurdumyzy behişdi mekana öwürmek üçin edýän tagallalaryňyzyň rowaçlanmagyny Beýik Biribardan dileýäris!

Beýik Ýeňşiň şanly 80 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

nowaeco

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we Türkmenistanyň halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş güni bilen gutlaýarys!

Urşa gatnaşanlaryň gahrymançylykly söweş ýoly biziň häzirki nesillerimiz üçin Watana wepalylygyň naýbaşy nusgasydyr. Şu gutlagymyzyň üsti bilen Garaşsyz döwletimiziň mundan beýläk-de gülläp ösmegini, Türkmenistanyň her bir raýatynyň bagtyýar, her bir maşgalanyň bagtly bolmagyny Beýik Alladan dileýäris!

Beýik Ýeňşiň şanly 80 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

AGRi

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we Türkmenistanyň halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňiş güni bilen gutlaýarys!

Türkmenistanyň halky urşa gatnaşan gerçekleriň gahrymançylygyny ýatdan çykarmaýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watan gahrymanlarymyz uly hormat-sarpa, hemmetaraplaýyn alada bilen gurşalýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun, il-ýurt bähbitli işleriňiz rowaç alsyn!

Beýik Ýeňşiň şanly 80 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«IPS AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**


# SPORT




## Ertir AFK-nyň Çagyryş Ligasynyň finaly geçiriler

Ertir 10-njy maýda ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary AFK-nyň Çagyryş Ligasy ýaryşynyň finalynda Kambojanyň «Preah Han Riç Swaý Rieng» topary bilen duşuşar. Duşuşyk Kambojanyň paýtagty Pnompendäki «Morodok Techo» milli stadionynda geçiriler. Duşuşyk Aşgabat wagty bilen 17:00-da başlanar.



«Arkadag» topary ilkinji gezek gatnaşýan ýaryşynda finala çenli 7 duşuşyk geçirip, şolaryň 5-sinde ýeňiş gazandy. Günbatar sebitinde «B» toparçada Kuweýtde geçirilen duşuşyklarda Gyrgyzystanyň «Abdyş-Ata Kant» toparyny 2–0, Maldiwleriň «Maziýa» toparyny 2–1 hasaplar bilen ýeňdi. Ýer eýeleri Kuweýtiň «Al-Arabi» toparyndan 3–2 hasabynda asgyn gelse-de, toparçada 1-nji orny eýelän ýurdumyzyň çempiony çärýek finalda Hindistanyň «Ist Bengal» topary bilen duşuşdy. Myhmançylykda 1–0, öz meýdançasynda-da 2–1 hasaplar bilen üstün çykan «Arkadag» topary ýarym finalda ýene-de «Al-Arabi» bilen güýç synanyşdy. 1-nji oýunda arap kluby 2–0 hasabynda ýeňiş gazansa-da, ýurdumyzda uly hasap bilen ýeňen «Arkadag» topary finala adyny ýazdyrdy. Arkadag şäherinde 3–0 hasabynda ýeňen «Arkadag» topary finalda oýnamaga hukuk gazandy.

Ýurdunda yzly-yzyna 2-nji, umumylykda 4 gezek çempionlyk gazanan «Preah Han Riç Swaý Rieng» topary Gündogar sebitde «E» toparçada çykyş etdi. Indoneziýanyň «Madura Ýunaýted» toparyndan 2–1 utulyp, şol hasap bilenem Mongoliýanyň «SP Falkons» toparyny ýeňen kambojalylar toparçada 2-nji orny eýeledi. Çärýek finalda Mýanmanyň «Şan Ýunaýted» toparyny öz meýdançasynda 6–2 ýeňip, myhmançylykda 2–1 hasabynda asgyn geldi. Umumy hasapda 7–4 öňe saýlanan «Preah Han Riç Swaý Rieng» topary ýene-de «Madura Ýunaýted» bilen duşuşdy. Öz meýdançasynda 3–0 hasabynda ýeňiş gazanyp, myhmançylykda 3–3 deňme-deň oýnan «Preah Han Riç Swaý Rieng» topary finala çykmagy başardy.

## Iň kiçi hasaply ýeňişler

**Futbol boýunça Türkmenistanyň çempionatynda 9-njy tapgyryň çäginde 3 duşuşyk geçirildi. 3 oýun hem 1–0 hasabynda tamamlanyp, 1 duşuşykda myhmanlar ýeňiş gazandy. «Ahal» bilen «Arkadag» toparlarynyň arasyndaky duşuşygyň wagty soňa süýşürildi.**

«Altyn Asyr» topary öz meýdançasynda «Nebitçi» bilen duşuşyp, 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşygyň ýeke-täk goluny 70-nji minutda Röwşen Halmämmedow öz adyna ýazdyrdy.

Edil şonuň ýaly, «Şagadam» topary hem öz meýdançasynda «Aşgabat» toparyny 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykdaky ýeke-täk gol oýnuň başynda derweză girizilip, 3-nji minutda Mekan Aşyrow tapawutlandy. Oýnuň 67-nji minutynda «Aşgabat» toparyndan Tirkişmyrat Sarymyradow 2-nji sary kartdan soň, gyzyl kart aldy.

Tapgyryň myhmançylykda ýeňiş gazanan ýeke-täk topary «Köpetdag» boldy. Maryda «Merw» topary bilen duşuşan paýtagtlylar ýeňiş goluny 90-njy minutdan soň geçirdi. Bu goly 90+2-nji minutda Baýramgeldi Gulmaýew derweză girizdi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 6 | 6 | 0 | 0 | 24-3 | 18 |
| 2 | «AHAL» | 8 | 6 | 0 | 2 | 17-6 | 18 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 8 | 5 | 1 | 2 | 9-5 | 16 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 9 | 4 | 3 | 2 | 12-11 | 15 |
| 5 | «AŞGABAT» | 8 | 3 | 1 | 4 | 11-13 | 10 |
| 6 | «NEBITÇI» | 10 | 2 | 3 | 5 | 5-7 | 9 |
| 7 | «MERW» | 10 | 1 | 3 | 6 | 4-17 | 6 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 9 | 1 | 1 | 7 | 6-26 | 4 |

10-njy tapgyryň duşuşyklary şu gün, ýagny 9-njy maýda geçiriler: «Aşgabat»—«Merw», «Nebitçi»—«Şagadam», «Köpetdag»—«Ahal».

## Piastri arany açyp başlady

Formula 1 boýunça möwsümiň 6-njy ýaryşy ABŞ-nyň Maýami şäheriniň adybir halkara awtodromynda geçirildi. 57 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «McLaren» toparynyň awstraliýaly sürüjisi Oskar Piastri ýeňiş gazandy. Pellehana 1 sagat 28 minut 51,587 sekuntda gelen Piastri bassyr 3-nji, möwsümdäki 4-nji, karýerasyndaky 6-njy ýeňşini baýram etdi. Ýaryşda 2-nji orny onuň topardaşy, britaniýaly Lando Norris eýeläp, ol ýeňijiden 4,630 sekunt yza galdy. «McLaren» topary şu möwsümde Hytaý «Gran Prisinden» soň 2-nji gezek goşa üstünlik gazandy. «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rasselliň 3-nji ýeri eýelän ýaryşynda ilkinji hatardan bat alan niderland sürüjiei Maks Werstappen («Red Bull») 4-njilik bilen oňňut etmeli boldy.




Geçirilen bu ýaryşdan soň Piastri 131 utuk bilen sanawda öňde barýar. 115 utuk toplan topardaşy Norris 2-nji ýeri eýeleýär. Häzirki çempion Werstappen 6 ýaryşda 99 utuk toplap, 3-nji orunda barýar. Möwsümiň 7-nji ýaryşy Emilia Romano «Gran Prisi» 18-nji maýda Italiýanyň Imola şäherinde geçiriler.

## Bu ýylda-da ýeňiji üýtgemedi

Woleýbol boýunça CEV Ýewropa Zenanlar Çempionlar Ligasy ýaryşynyň «Final Four» duşuşyklary Türkiýäniň Stambul şäherinde geçirildi. 3 italýan hem-de 1 türk klubunyň arasynda geçirilen ýaryşyň netijesinde bu möwsümde-de Italiýanyň «Imoko Wolleý Koneliano» topary çempionlyk gazandy. Ýarym finalda «Wero Wolleý Milano» toparyny 3:1 hasabynda ýeňen «Imoko Wolleý» topary finalda başga bir italýan kluby «Pallawole Skandiççi» bilen duşuşdy. «Pallawole Skandiççi» topary ýarym finalda Türkiýäniň «Wakyfbank» toparyny 3:0 hasabynda utdy.



Finalda «Imoko Wolleý» topary Skandiççi şäheriniň klubuny 3:0 hasabynda ýeňip, yzly-yzyna 2-nji, soňky 5 ýylda 3-nji çempionlygyny baýram etdi. «Wero Wolleý Milano» topary-da «Wakyfbank» toparyndan 3:1 hasabynda üstün çykyp, bürünç medala mynasyp boldy.

## Sabalenka 20-nji kubogyny gazandy

Tennis boýunça «Madrid Açyk Masters» ýaryşynda erkekleriň arasynda norwegiýaly Kasper Ruud, zenanlardan belarusly Aryna Sabalenka ýeňiji boldy.

Zenanlaryň arasyndaky finalda Sabalenka amerikaly Koko Gauff bilen duşuşdy. Belarusly tennisçi garşydaşyny 6:3, 7:6 hasaplar bilen ýeňip, bu ýerdäki 3-nji çempionlygyny gazandy (2021, 2023, 2025). Yzly-yzyna 3-nji gezek finala çykan Sabalenka geçen ýyl Iga Şwentekden ýeňlipdi. Şu möwsümde 3-nji kubogyny gazanan Sabalenkanyň karýerasyndaky çempionlyklarynyň sany 20-ä ýetdi.



Erkekleriň arasyndaky finalda bolsa Kasper Ruud britaniýaly Jäk Dräperi 7:5, 3:6, 6:4 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň ikinji «Masters» çempionlygy bolup, ol karýerasy boýunça 13-nji kubogyny asmana göterdi.




## Yzly-yzyna 3-nji çempionlygy

UEFA Futzal Çempionlar Ligasynda ýene-de Ispaniýanyň «Palma Futsal» topary çempionlyk gazandy. Fransiýanyň Le Man şäherinde geçirilen «Final Four»-yň ýarym finalynda Portugaliýanyň «Sporting» toparyny 3–0 hasabynda ýeňen «Palma» topary finalda Gazagystanyň «Kairat» topary bilen duşuşdy. «Kairat» topary ýarym finalda Ispaniýanyň «Jimbee Kartahena» toparyny 3–2 hasabynda ýeňdi. Çekeleşikli geçen final duşuşygynda «Palma Futsal» topary «Kairat» toparyndan 9–4 üstün çykyp, bassyr 3-nji çempionlygyny gazandy. Duşuşykda ispan klubunyň 4 goluny Fabinio öz adyna ýazdyrdy.

Bürünç medal ugrundaky duşuşykda-da «Jimbee Kartahena» topary «Sportingi» ýeňlişe sezewar etdi (2–2, 3-1 p).




## Esaslandyrylanyndan 409 gün soň çempion boldy

Awstraliýanyň çempionaty «A-League»-niň adaty möwsüminde täze döredilen «Oklend FK» topary çempionlyk gazandy. Geçen ýylyň 14-nji martynda esaslandyrylan Täze Zelandiýanyň paýtagtynyň adybir kluby «Oklend» topary Awstraliýanyň çempionatynda çykyş edýär. Ol esaslandyrylanyndan 409 gün soň çempion bolup, taryhy başarnyk görkezdi. Awstraliýanyň çempionatynda mundan öň «Western Sidni Wonderers» topary-da özüniň ilkinji möwsüminde (2012/13) çempionlyk gazanypdy.

«Oklend» topary Awstraliýanyň çempionatynda çykyş edýän Täze Zelandiýanyň 2 toparynyň biri bolup, «Wellington Finiks» 2007-nji ýyldan bäri goňşy döwletiň ýokary ligasyna wekilçilik edip gelýär.

«Oklend» topary täze möwsümde AFK-nyň ýaryşlaryna gatnaşmaz. Sebäbi Täze Zelandiýa AFK-nyň däl-de, Okeaniýanyň agzasydyr. Awstraliýadan çempionaty 2-nji orunda tamamlan «Melburn Siti» topary AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşyna gatnaşar.

## «TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J. «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň parahatçylyk söýüji halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 80 ýyllygy mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň baştutanlygyňyzda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan bu günki gün parahatçylygyň, asudalygyň, halkyň agzybirliginiň we dost-doganlygyň höküm sürýän Watanyna öwrüldi. Siziň öňdengörüjilikli, hoşniýetli, ynsanperwer içeri we daşary syýasatyňyz dünýä jemgyýetçiliginde uly goldawa hem-de hormata eýe bolýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi türkmenistanlylaryň beýleki dost-doganlyk halklar bilen birlikde frontda hem-de tylda görkezen taýsyz edermenlikleri, gahrymançylyklary netijesinde gazanylan, taryhyň sahypalaryna öçmejek harplar bilen ýazylan Beýik Ýeňşiň şanly 80 ýyllygy mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan ýene-de bir gezek tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys! Beýik Ýeňiş gününiň dabara edilýän pursadynda Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Türkmenistanyň halkyna ýurt abadançylygyny, bagtyýarlyk döwründe gülläp ösüş, il-ýurt bähbitli işleriňizde hemişe rowaçlyk arzuw edýäris!

Beýik Ýeňşiň şanly 80 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J. «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI**

## «MERTLIK RUHY» H.J. «HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň halkyny 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 80 ýyllygy mynasybetli tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda Watanyň azatlygy ugrunda şirin janyny orta goýup, gaýduwsyzlygyň, mertligiň, batyrlygyň nusgasyny görkezen, azat, asuda, abadan durmuşyň hatyrasyna söweşen gerçekleriň, urşuň yzynda galan eneleriň görkezen edermenligi ýüreklerde baky ýaşar. Size ýurdumyzy gülledip ösdürmekde, ykdysady kuwwatyny has-da pugtalandyryp, ony dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna çykarmakda alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriňizde rowaçlyklar we üstünlikler arzuw edýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 80 ýyllygy mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň türkmen halkynyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutumly işleriňiziň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, belent başyňyzyň aman, mertebäňiziň mundan-da belent bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýäris!

Beýik Ýeňşiň şanly 80 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

MERTLIK RUHY HYUNDAI

**«MERTLIK RUHY» H.J. «HYUNDAI» Türkmenistandaky Resmi distribýutory**

## HUAWEI

**ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanýan Türkmenistanyň Prezidenti!**

Sizi we Türkmenistanyň halkyny 1941 – 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 80 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Ýeňiş güni edermenligiň, gahrymançylygyň, wepalylygyň we özara goldaw bermegiň nyşany bolmagynda galar. Bu gün biz frontda söweşen, tylda gaýduwsyz zähmet çeken gahrymanlary hatyralaýarys. Olaryň edermenligi häzirki we geljek nesiller üçin watansöýüjiligiň beýik nusgasydyr.

**Çuňňur hormatlanýan Türkmenistanyň Prezidenti,** Size berk jan saglyk, döwlet işiňizde üstünlikleri, Türkmenistanyň halkyna bolsa parahatçylyk hem-de rowaçlyk arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD.» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Многоуважаемый Президент Туркменистана!**

Искренне поздравляем Вас и народ Туркменистана в честь 80-й годовщины Победы в Великой Отечественной войне 1941–1945 годов.

День Победы останется символом мужества и героизма, верности и взаимопомощи. В этот день мы отдаём дань уважения героям, сражавшимся на фронте и мужественно трудившимся в тылу. Их храбрость останется высоким при мером патриотизма для нынешнего и будущих поколений.

**Многоуважаемый Президент Туркменистана,** желаем Вам крепкого здоровья и успехов в государственной деятельности, а народу Туркменистана – мира и процветания.

**С глубоким уважением,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD.» в Туркменистане.**

ÇEPER GURLUŞYK

## «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Beýik Ýeňşiň şanly 80 ýyllyk dabarasy tutuş ýurdumyzy gurşap aldy. Siziň baştutanlygyňyzda halkymyz Ýeňiş gününi giňden belleýär. Sizi we ähli halkymyzy 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň şanly 80 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Ýurdumyzda alnyp barylýan parahatçylyk döredijilikli syýasat, häzirki gazanylýan uly üstünlikler janyny aýaman mukaddes ýeňşi ýakynlaşdyran ähli türkmen esgerlerine dikilen belent heýkeldir. Halkymyz Watanymyzyň merdana goragçylaryny, ýanýoldaşyny söweşe ugradyp, yzynda ýalňyz galan zenanlary hiç haçan unutmaz. Olaryň tylda görkezen gahrymançylygy we edermenligi Ýeňiş gazanmakda uly ähmiýete eýe boldy we häzir Garaşsyz Watanymyzyň gazanan üstünlikleriniň goragynda durýan ýaşlar üçin nusga hem-de terbiýe mekdebi bolup hyzmat edýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi we ähli halkymyzy Beýik Ýeňşiň şanly 80 ýyllygy mynasybetli ýene-de bir gezek gutlaýarys!

Beýik Ýeňşiň şanly 80 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**